TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– BERKARAR DÖWLETIŇ TÄZE EÝÝAMYNYŇ GALKYNYŞY DÖWRÜNDE BIZIŇ ÝOLUMYZ BAGTYÝARLYGYŇ, BERKARARLYGYŇ ÝOLUDYR. GEÇMIŞIMIZI, ŞU GÜNÜMIZI WE GELJEGIMIZI BERK BAGLANYŞDYRYP, BIZ MUNDAN BEÝLÄK-DE BU ÝOL BILEN YNAMLY ÖŇE GIDERIS.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
29-njy awgust, 2025. Belgisi 35/1653



# HALK MASLAHATY – DEMOKRATIÝANYŇ MILLI NUSGASY

**Türkmen halky gadymy döwürlerden bäri möhüm meseleleri bilelikde, şöhratly ata-babalarymyzyň köpasyrlyk däbine daýanyp ara alyp maslahatlaşypdyr we çözüpdir. Häzirki döwürde bu asylly däpler Halk Maslahatynyň işinde öz beýanyny tapýar. Halk Maslahaty Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda hereket edýän halk häkimiýetiniň ýokary wekilçilikli edarasydyr.**

Şu günler ýurdumyzda döwürleriň üznüksiz arabaglanyşygyny, nesilleriň dowamatlylygyny, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň öňden gelýän demokratik ýörelgelere ygrarlydygyny alamatlandyrýan umumymilli foruma işjeň taýýarlyk görülýär. Hormatly Prezidentimiz 2025-nji ýylyň geçen alty aýynda alnyp barlan işleriň jemlerine bagyşlap geçiren Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine hem-de hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramyna ýokary derejede taýýarlyk görmek boýunça degişli tabşyryklary berdi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» şygary astynda geçýän şu ýyl uly üstünliklere beslenip, şol üstünlikler halkymyzyň jebisligi, zähmetsöýerligi, maksada okgunlylygy netijesinde gazanylýar. Gazanylan syýasy, ykdysady ösüşler, medeni-durmuş özgertmeler raýatlarymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini düýpli ýokarlandyrdy, gurýan we özgerýän döwletimiziň güýç-kuwwatyny artdyryp, berkararlygyny pugtalandyrdy.

Mälim bolşy ýaly, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň gol çeken Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň Kararyna laýyklykda, Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi şu ýylyň 19-njy sentýabrynda Aşgabat şäherinde, Maslahat köşgünde geçiriler. Ony ýokary derejede geçirmek maksady bilen, guramaçylyk komiteti döredildi. Häzirki wagtda ol degişli toplumlaýyn işleri amala aşyrýar.

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllygynyň öňüsyrasynda hem-de Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesiniň 30 ýyllygynyň bellenilýän ýylynda geçiriljek Halk Maslahatynyň mejlisinde geçen döwürde alnyp barlan işleriň jemi jemlener, ýakyn we uzak möhletli geljek üçin ileri tutulýan wezipeler kesgitleniler, olary çözmegiň ýollary babatda tekliplere garalar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow 20-nji awgustda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisindäki çykyşynda «Biz şu ýylyň sentýabrynda ähli halkymyz bilen bilelikde, agzybirlikde Watanymyzyň Garaşsyzlyk baýramyny giňden belläp geçeris. Halkymyz hemişelik Bitarap Diýarymyzyň Garaşsyzlyk toýuny uly zähmet üstünliklerine besläp, buýsanç bilen garşy alýar. Sebäbi bu sene Garaşsyz ýurdumyz hem-de agzybir halkymyz üçin aýratyn ähmiýetli, buýsançly, biziň her birimizi täze, belent maksatlara galkyndyrýan şanly wakadyr. Şunuň bilen baglylykda, Garaşsyzlyk baýramynyň bellenilýän günlerinde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisini geçirmek bilen, Garaşsyz döwletimiziň ösüşinde gazanylan üstünlikleriň, ýetilen sepgitleriň, ýerine ýetirilen işleriň jemini jemläris. Döwrüň talaplaryndan, täze ykdysady şertlerden ugur alyp, täze taryhy döwürde öňümizde durýan möhüm wezipeleri ara alyp maslahatlaşarys» diýip belleýär.

Şeýle-de mejlisde Gahryman Arkadagymyz «Türkmenistanyň Halk Maslahaty hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanunynyň 19-njy maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Diwanyna guramaçylyk topary bilen bilelikde aşakdaky işleri ýokary derejede alyp barmagy tabşyrdy.

1 Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň agzalary, deputatlar, syýasy we jemgyýetçilik guramalarynyň işjeň agzalary, alymlar, ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlary, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görülýän döwürde we mejlisiň jemleri boýunça Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň alyp barýan işleriniň taryhy, syýasy-jemgyýetçilik ähmiýeti barada täsirli wagyz-nesihat çärelerini, çykyşlary, duşuşyklary giňden guramaly;

2 Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görmek boýunça işleri guramaçylyk topary bilen bilelikde meýilnama esasynda alyp barmaly;

3 Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň garamagyna soraglary taýýarlamaly we resminamalaryň taslamalaryny guramaçylyk toparynyň ýygnaklarynda deslapdan ara alyp maslahatlaşmaly;

4 Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görmekde welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň halk maslahatlarynyň işine guramaçylyk-usulyýet taýdan ýolbaşçylyk etmeli;

5 Raýatlardan gelip gowşan tekliplere we beýleki ýüztutmalara garamak, olary hasaba almak, umumylaşdyrmak boýunça işleri alyp barmaly;

6 Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini geçirmegiň maksatnamasyny taýýarlamaly; ■ 2



## Halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesi ýokarlanýar

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe peder ýoluny mynasyp dowam etdirýän hormatly Prezidentimiziň parasatly başlangyçlary bilen ýurdumyz bedew bady bilen okgunly öňe barýar. Ykdysadyýetimiziň ähli ugurlarynda giň gerimli özgertmeler maksatnamasynyň amala aşyrylmagy netijesinde ata Watanymyzyň at-abraýy dünýäde barha arşa galýar. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ynsanperwer, parahatçylyk söýüjilikli ösüşe gönükdirilen içeri we daşary syýasaty diňe ýurdumyzda däl, eýsem, bütin dünýäde hem gyzgyn goldanylýar.** ■ 3



## Täze okuw ýyly – täze üstünlikleriň badalgasy

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz tarapyndan üstünlikli durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri hem milli bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmak, watansöýüji, zähmetsöýer, sagdyn, giň ylmy dünýägaraýyşly, hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösen, bilimli nesli terbiýeläp ýetişdirmek bolup durýar. Il-ýurt bähbitli şol möhüm wezipäni üstünlikli çözmekde bilim işgärleriniň iňňän jogapkärli, halal we döredijilikli zähmetine möhüm orun degişlidir.

Her ýylda däp bolşy ýaly, şu ýyl hem ýurdumyzda öňdebaryjy bilim işgärleriniň awgust maslahaty geçirildi. ■ 3



## Bank ulgamy galkynyşly döwrüň ösüş ýolunda

**Ýurdumyzda ykdysadyýetiň depginli ösüşini üpjün etmek maksady bilen, ähli pudaklar bilen bir hatarda, bank ulgamynda hem maksatnamalaýyn çäreler amala aşyrylýar. «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynda» ýurdumyzyň bank ulgamyny ösdürmek boýunça birnäçe wezipeler kesgitlenen. Bank ulgamyny kämilleşdirmek wezipesi ýurduň ähli pudaklaryny diwersifikasiýalaşdyryp ösdürmegiň esasy şertleriniň biridir. Şu nukdaýnazardan, Türkmenistanyň bank ulgamynyň hyzmatlary dünýäniň ösen döwletleriniň iş tejribelerini nazara almak bilen, döwrüň talaplaryna laýyklykda netijeli hem-de ygtybarly alnyp barylýar.** ■ 3

# SANLY ULGAMYŇ GIŇ MÜMKINÇILIKLERI

**Tehnologiýanyň ösmegi netijesinde sanly ulgama geçilmegi ykdysadyýeti ösdürmäge, önümçilik, ulag we beýleki ugurlardaky çykdajylary azaltmaga, öňdebaryjy ýurtlaryň hataryna goşulmaga itergi berýär. Şonuň üçin hem ýurdumyzda ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda sanly ulgama geçilmäge aýratyn üns berilýär.**

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklary ýokary depginler bilen sanlylaşdyrylýar we innowasion ykdysadyýet kemala getirilýär. Bu ugry ösdürmek boýunça kanunçylyk binýady yzygiderli kämilleşdirilip, maksatnamalaýyn işler durmuşa geçirilýär. Bu bolsa ata Watanymyzyň ykdysady kuwwatyny artdyrmaga hem-de milli ykdysadyýetimizi durnukly ösdürmäge gönükdirilen işleriň üstünlikli durmuşa geçirilýändigine aýdyň şaýatlyk edýär.

Tehnologiýadan peýdalanmak arkaly geçilýän sanly ulgam bank-maliýe, önümçilik, bölek söwda, hyzmatlar, marketing ýaly ykdysadyýetiň ähli ugurlarynda, şeýle hem saglygy goraýyş, ylym-bilim pudaklarynda peýdalanylmagy gysga wagtda uly ösüş gazanmaga mümkinçilik berýär. Okuw kitaplarynyň we gollanmalaryň sanly ulgama geçirilmegi, olary has köp adama elýeterli edýär. Häzirki ösen jemgyýetde sanly ulgamdan peýdalanmak üçin ähli ýerde gerek bolan infrastruktura – internet we degişli elektron enjamlar ýeterlik derejede bar. Ösen aragatnaşyk ulgamy okuw sapaklaryny, maslahatlary we beýleki duşuşyklary uzak aralykdan onlaýn geçirmäge mümkinçilik berýär.



Häzirki wagtda bilim ulgamy ýurdumyzyň döwlet syýasatynyň möhüm ugry hökmünde milli we döwrebap tejribeler bilen utgaşdyrylýar. Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen multimediýa tehnologiýalaryny, öňdebaryjy iş tejribäni ulanmak arkaly orta, şeýle hem başlangyç, ýörite orta hünär we ýokary okuw mekdepleriniň döwrebap okuw ulgamy kemala getirilýär. Döwrebap okuw ulgamynyň özeni bolup hem sanly ulgam öňe çykarylýar. Häzirki maglumatlar jemgyýetinde bilim ulgamynyň innowasion ýol bilen ösdürilmegine, sanly bilim ulgamynyň doly özleşdirilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. Çünki ýurdumyzda güýçli depginler bilen dowam edýän bilim özgertmeleri döwletimiziň berkararlygynyň, jemgyýetimizi hemmetaraplaýyn ösdürmegiň, intellektual derejesini ýokarlandyrmagyň, bagtyň we bagtyýarlygyň girewidir.

Şu gün, 29-njy awgustda Aşgabatda «Bilimde Durnukly Ösüş Maksadyna ýetmekde emeli aňyň mümkinçilikleri» atly Halkara ylmy-amaly maslahat geçiriler. Maslahatyň guramaçylary – Türkmenistanyň Bilim ministrligi we ÝUNESKO-nyň Bilimde maglumat tehnologiýalary boýunça instituty (UNESCO IITE) bolup durýar. ■ 2



### Uçuşlar üçin mugt petek berer

Tailandyň Syýahatçylyk we sport ministrligi daşary ýurtly jahankeşdeler üçin mugt içerki uçuşlary ýola goýmagy maksat edinýär. ■ 4



### Binagärligiň, sungatyň we aýdym-sazyň şäheri

Miçigan kölüniň suwlarynda şöhlelenýän beýik binalary bilen görenleri haýrana goýýan Çikago ABŞ-nyň iň owadan we ösen şäherleriniň biridir. ■ 5

### Türkmenistanyň milli ýygyndysy halkara ýaryşa wekilçilik eder

Futbol boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndysy şu gün başlanjak MAFA Milletler Kubogy (CAFA Nations Cup) ýaryşyna gatnaşar. ■ 7

CAFA NATIONS CUP 2025



### 36 toparyň ählisi hem belli boldy

UEFA Çempionlar Ligasynyň täze 71-nji möwsüminde çykyş etjek toparlaryň ählisi pleý-off tapgyrynyň geçirilen jogap oýunlaryndan soň belli boldy. ■ 8

## Sarp edýän energiýasyny öndürýän bina

Hytaýyň Şandun welaýatynyň Sindao şäherinde gurlup ulanmaga berlen binada sarp edilýän elektrik energiýasynyň uly bölegi üçegine oturdylan Gün panellerinden alynýar. Beýikligi 117 metre ýetýän binanyň diňe üçegine däl, eýsem, gapdal diwarlaryna hem Gün panelleri oturdylypdyr. Bu ulgam binada sarp edilýän elektrik energiýasynyň 25 göterimini öndürýär.



Gökdiräniň aşagynda bolsa, gereginden artykmaç öndürilen elektrik energiýasyny saklaýan batareýalar bar. Bu batareýalar zerur bolan wagtynda sarp edilýär. Jaý 24 müň sany kiçijik sensorlar bilen üpjün edilipdir. Bu sensorlar ýagtylandyryş, howalandyryş ulgamlaryny we lifti awtomat ýagdaýda işletmäge ýardam edýär. Adamy ýüzünden tanaýan ulgamlar onuň çykjak gatyny anyklap, degişli lifte ugrukdyrýar. Şeýlelikde, binada has az elektrik energiýasy harçlanýar.

**Resul HOJABERDIÝEW,**
*Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Bagtyýarlyk etrap komitetiniň partiýa guramaçysy.*

## Iň beýik köpri ulanmaga taýýar

Hytaýyň Guýçžou welaýatyndaky Beýpan jülgesiniň üstünden geçýän köpri üsti ulagly ýagdaýda synagdan geçirildi. Geljek aý açylyp ulanmaga beriljek Huaszýan köprüsiniň aýaklarynyň beýikligi 625 metre barabar. Şeýlelikde, desga dünýäniň beýik asma köprüsi bolar.



Mundan ozalky iň beýik köpri hem şol jülgäniň üstünden geçip, beýikligi 565 metre ýetýärdi. Uzynlygy 2 müň 890 metre barabar bolan köpriniň gurluşygyna 2022-nji ýylda başlanypdy. Daglyk ýerde gurlan köpriniň aýaklarynyň arasy 1 müň 420 metre ýetýär. Köpriniň inženerleri onuň üstünden ýükli ulaglary geçirip, berkligini barladylar.

## Rekordy täzelejek bina

Saud Arabystany Patyşalygynda gurluşygy dowam edýän beýik bina gurlup gutarylanda dünýäniň iň beýik binasy bolar. Gyzyl deňziň kenaryndaky Jidda şäherinde gurulýan «Jeddah Tower»-iň gurluşygyna 2013-nji ýylda başlanypdy. Emma äpet taslamanyň gurluşygy pandemiýa döwründe togtadylypdy.



Uzynlygy anyk mälim edilmedik hem bolsa, gökdiräniň belentliginiň 1 kilometrden ýokary bolmagyna garaşylýar. 168 gatly binada myhmanhanalar, ofisler, rezidensiýalar ýerleşer. Binanyň 157-nji gatynda synlaýyş meýdançasy göz öňünde tutulýar. Gökdirände 59 lift bolup, olaryň bäşisi iki gatly bolar.

Häzirki wagtda dünýäniň iň beýik binasy bolan «Burj Halifa» BAE-niň Dubaý şäherinde ýerleşip, beýikligi 828 metre ýetýär.

# SANLY ULGAMYŇ GIŇ MÜMKINÇILIKLERI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Çäräniň esasy maksady emeli aňy milli we halkara derejedäki bilim platformalaryna ornaşdyrmak, şeýle hem bu ugurda öňdebaryjy tejribeleri alyşmakdan ybaratdyr.




Çäre gibrid görnüşde bolup, Plenar mejlis Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetinde geçiriler, ugurdaş sessiýalar bolsa Aşgabadyň degişli ýokary okuw mekdeplerinde guralar. Programmada ÝUNESKO-nyň wekilleriniň, halkara bilermenleriň, Bilim ministrliginiň işgärleriniň, türkmen alymlarynyň we mugallymlarynyň çykyşlary göz öňünde tutulýar.

Maslahat bilim ulgamyna emeli aň tehnologiýalaryny ornaşdyrmak boýunça tejribe alyşmak, sanly özgertmeler şertlerinde bilimi ösdürmegiň bilelikdäki strategiýalaryny işläp taýýarlamak üçin meýdança bolar.

Şeýle-de çärä gatnaşyjylar iň oňat halkara tejribeleri bilen tanyşmak, bar bolan kynçylyklary we mümkinçilikleri maslahatlaşmak, şeýle hem geljekde bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek üçin hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýmak mümkinçiliklerine eýe bolarlar.

ÝUNESKO-nyň goldawy bilen Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilim ulgamyny sanlylaşdyrmagyň toplumlaýyn strategiýasyny durmuşa geçirýär. Ol tehnologiýa infrastrukturasyny ösdürmegi, mugallymlaryň hünär derejesini ýokarlandyrmagy, okatmagyň interaktiw usullaryny ornaşdyrmagy we sanly başarnyklaryň milli standartlaryny döretmegi öz içine alýar.

Biz ýaşlaryň giň dünýägaraýyşly, kämil, ökde hünärmenler bolup ýetişmegimiz üçin uly tagalla edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, il-ýurt bähbitli beýik işleri rowaç bolsun!

**Aýna GELDIMYRADOWA,**
*Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrap geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň sanly ulgam boýunça esasy hünärmeni.*

# HALK MASLAHATY – DEMOKRATIÝANYŇ MILLI NUSGASY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

7 Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň işini köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde beýan etmek bilen bagly zerur maglumatlary taýýarlamaly;

8 Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görmek boýunça guramaçylyk işlerini Türkmenistanyň Mejlisi, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, welaýatlaryň, Aşgabat, Arkadag şäherleriniň häkimlikleri, jemgyýetçilik birleşikleri bilen bilelikde utgaşykly alyp barmaly;

9 Türkmenistanyň Mejlisi hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygy hem-de 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi mynasybetli döwletimiziň parahatçylyk söýüjilikli, ynsanperwer içeri we daşary syýasatyny parlament diplomatiýasynyň üsti bilen dünýä ýaýmak, wagyz etmek boýunça ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, syýasy partiýalar, jemgyýetçilik birleşikleri bilen alnyp barylýan işleri dowam etdirmeli;

10 Hormatly Prezidentimiziň beren tabşyryklaryna laýyklykda, Garaşsyzlyk ýyllary içinde ýurdumyzyň durmuşynyň syýasy, ykdysady, medeni ugurlarynda ýokary zähmet üstünliklerini gazanan, halk arasynda uly abraýdan we sylagdan peýdalanýan ildeşlerimizi döwlet sylaglary bilen sylaglamak, olara hormatly atlary dakmak boýunça alyp barýan işlerimizi hem guramaçylykly ýerine ýetirmeli. Mynasyp adamlary hödürlemek we bu işleri resmileşdirmek boýunça işleri talabalaýyk alyp barmaly.

Türkmenistanyň Halk Maslahaty halk häkimiýetiniň iň ýokary wekilçilikli edarasy bolmak bilen, Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimizde halk bilen geňeşmek – Halk Maslahatlaryny yzygiderli geçirmek indi däbe öwrüldi. Häzirki wagtda ýurtda bu umumymilli forumy ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmek boýunça degişli çäreler görülýär. Mejlisiň gün tertibini hem-de resminamalaryň taslamalaryny taýýarlamaga aýratyn üns berilýär. Şunuň bilen baglylykda, türkmenistanlylara öňde boljak jemgyýetçilik-syýasy çäräniň ähmiýetini düşündirmek boýunça işler alnyp barylýar.

Golaýda geçiriljek Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi syýasy-jemgyýetçilik waka bolmak bilen, halk demokratiýasyny mundan beýläk-de dabaralandyrmakda, jemgyýetimizi has-da jebisleşdirmekde, halkymyzyň syýasy medeniýetini we düşünjeliligini ýokarlandyrmakda, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmakda möhüm orun eýelär.

# BAGTDAN PAÝLY ÝAŞLAR



– Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda ylym-bilim ulgamy barha kämilleşýär. Ýaş nesliň ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly, başarjaň hünärmenler bolup kemala gelmegi üçin uly alada edilýär. Zehinli ýaşlary ýüze çykarmak maksady bilen birnäçe bäsleşikler, ýaryşlar guralýar. Her ýyl mekdep okuwçylarynyň arasynda «Altyn asyryň altyn zehinleri» atly ders bäsleşigi geçirilýär. Men hem şol ýaryşa gatnaşyp, 2023-2024-nji okuw ýylynda rus dili dersinden bäsleşigiň welaýat tapgyrynda 3-nji orna, 2024-2025-nji okuw ýylynda bolsa 2-nji orna, şeýle hem 2025-nji ýylda dil öwredýän hususy bilim merkezleriniň arasynda guralan olimpiadada rus dili dersinden welaýat hem döwlet tapgyrlarynda 2-nji orna mynasyp boldum. Men özümi diňe bir bäsleşiklerde kämilleşdirmän, çagalar sungat mekdebine gatnap, dutar çalmagy, aýdym aýtmagy hem öwrendim. Bäsleşiklerdäki orunlarymyň, aýdym-saz babatdaky başarnyklarymyň kömegi bilen bolsa giriş synaglardan üstünlikli geçip, Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby bolmagy başardym.

Pursatdan peýdalanyp biz – ýaşlara okamaga, öwrenmäge, döretmäge uly mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize köp sagbolsun aýdýarys. Goý, Milli Liderimiziň, döwlet Baştutanymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli tutýan tutumly işleri elmydama rowaç bolsun!

**Aýnur AKYÝEWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň rus dili fakultetiniň 1-nji ýyl talyby.*



– Mekdep bize orta bilim berip, ak geljege ýollady. «Guş ganatsyz bolmaz, adam – arzuwsyz» diýlişi ýaly, bu günki gün bagtyýar döwrüň bagtly talyby bolmak bagty maňa-da nesip etdi. Ýaşlar – berkarar Watanymyzyň beýik geljegini gurujylar. Ata Watanymyzda ýaş nesle, ylym-bilim dünýäsinde taplanyp, saýlan hünärini kemsiz ele alyp, Watana wepaly, jemgyýete peýda getirjek ýaşlar bolup ýetişmek üçin uly mümkinçilikler döredilen. Bilimli ýaşlarymyzyň ýurdumyzyň daýanjydygyny nygtaýan döwlet Baştutanymyzyň taýsyz tagallasy bilen türkmen ylmynyň gazananlary durmuşymyza yzygiderli ornaşdyrylýar.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda maňa hem talyp bolmak bagtynyň miýesser edendigi üçin buýsanjymyň çägi ýok. Meniň üçin mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllygynyň, hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygynyň giňden bellenilýän ýyly ýatdan çykmajak ajaýyp pursatlara beslendi. Ylmyň we bilimiň mümkinçiliklerini parahatçylygyň, dostlugyň, adamzadyň bähbitlerine gönükdirmekde beýik işleri amala aşyrýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, tutýan tutumly işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Ezizhan BEREKETOW,**
*Türkmenistanyň Telekomunikasiýalar we informatika institutynyň maglumat howpsuzlygy hünäriniň 1-nji ýyl talyby.*

## Onunjy synag uçuşyny amala aşyrdy

«SpaceX» kompaniýasynyň «Starship» raketasy onunjy gezek synag uçuşyny amala aşyrdy. Üstünlikli tamamlanan uçuşda göteriji raketa ýasama emeli hemralaryny orbita çykaryp, uzyna dolanyp geldi. ABŞ-nyň Tehas ştatyndaky «Starbase» kosmodromyndan uçurylan 123 metrlik raketa Ýerden saýlanandan 3 minutdan soňra «Super Heavy» atly motoryndan aýryldy. Raketanyň ýokarky bölegi 30 minutdan soňra sekiz sany ýasama «Starlink» emeli hemrasyny orbita ýerleşdirdi. Uçuşyň çäklerinde täze nesil altyburçluk gyzgynlykdan goraýjy gatlak hem synagdan geçirildi. Raketa gaýtadan atmosfera gireninde ýanmakdan goraýan gatlagyň näderejede çydamlydygy barlandy. Synagyň bu tapgyry has ähmiýetli hasaplanýar, sebäbi gyzgynlyga garşy bu örtük geljekde kosmos gämisiniň Marsyň we beýleki asman jisimleriniň atmosferasyna girmegine mümkinçilik berer.



Raketany belli bir belentlige çykaran «Super Heavy» atly güýçlendiriji bölek yzyna – bellenen ýere gelip gondy. Raketanyň ýokarky bölegi bolsa, Awstraliýanyň golaýynda Hindi ummanyndaky kesgitlenen ýere – ummana düşdi.

«SpaceX» kompaniýasy Marsa yzygiderli gatnawlary amala aşyrmak maksady bilen «Starship» atly raketany işläp taýýarlaýar. Kompaniýanyň beýleki raketalary häzirki wagtda kosmosa adam we ýük gatnatmakda peýdalanylýar.

**Aýbölek BERDIÝEWA,**
*Arkadag şäheriniň döwlet arhiwiniň Ylmy maglumat toplumy boýunça uly ylmy işgäri.*

## Saglygy goramak üçin maslahatlar

- ☑ Bedeniň kesele garşy göreşijilik ukybyny ýokarlandyrmak, pugtalandyrmak üçin sagdyn durmuş ýörelgelerine eýermeli.
- ☑ Bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmaly.
- ☑ Zyýanly endiklerden daşda durmaly.
- ☑ Arassa howada gezelenç etmeli. Ukyny ýeterlikli we kadaly almaly. Sagdyn we kadaly iýmitlenmeli. Witaminlere baý bolan önümleri iýmeli.
- ☑ Paslyň aýratynlygyna laýyklykda geýinmeli.
- ☑ Şahsy we jemgyýetçilik arassaçylyk tertip-düzgünlerini berk berjaý etmeli.
- ☑ Iş ýeriňizde we öýüňizde otaglaryň howasynyň arassa bolmagyny gazanmaly.
- ☑ Öýleriň içinde arassalaýyş işlerini yzygiderli geçirip durmaly.



- ☑ Asgyrylanda, üsgürilende hökman elýaglyk bilen agzy we burny ýapmaly.
- ☑ Eliňi ýygy-ýygydan sabynlap ýuwmaly.
- ☑ Ýiti respirator ýokanç keseliniň ilkinji alamatlary ýüze çykan ýagdaýynda hökman maşgala lukmanyna ýüz tutmaly.
- ☑ Özbaşdak derman serişdelerini, şol sanda antibakterial derman serişdelerini ulanmaly däl. Derman serişdeleri özbaşdak ulanylanda birnäçe gaýraüzülmelere getirip biler.
- ☑ Ýurdumyzda ýola goýlan keselleriň öňüni alyş sanjymlaryny maşgala lukmanyňyz bilen maslahatlaşyp almaly.

*Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.*

## Uzak ýaşlylaryň şäheri



Angliýanyň günortasyndaky Plimut şäheri sagdyn adamlaryň ýaşaýan ýeri hökmünde ykrar edildi. Geçirilen barlaglarda şäherde ýaşaýan orta ýaşly adamlaryň has sagdyndygy mälim edildi.

Bu şäher «Vista Health» agentliginiň hünärmenleriniň 40-65 ýaş aralygyndaky 7 müň adamda geçiren barlaglarynda uky, maşk we iýmitlenmek ýaly ölçeglerde ýurduň beýleki şäherlerinden öňe saýlandy. Port şäheri Sautgempton, Bristol, Edinburg, Nýukasl we London ýaly şäherlerden öňe saýlandy.

Maglumatlara görä, deňiz kenarynda ýaşaýanlar sagdyn we uzak ömürli bolýar. Ýaponiýa, Kosta-Rika, Sardiniýa adasy ýaly ýerlerde ýaşaýanlar uzak ýaşaýar. Bu ýerleriň ýaşaýjylary diňe arassa howaly tebigatda ýaşaman, eýsem, sagdyn iýmitlenmäge hem üns berýärler, aşhanasynda gök önümleri we miweleri has köp ulanýarlar. Şeýle hem gündelik durmuşynda yzygiderli hereketde bolýarlar, beýleki adamlar bilen gatnaşyk saklaýarlar. Bilermenleriň pikiriçe, Plimut şäheri hem şeýle ýerleriň hataryna girip biler.

**Muhammetaly ATABAÝEW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň talyby.*

## Iň ýyndam elektroulag boldy



Hytaýyň BYD kompaniýasynyň «Yangwang U9» synag ulagy sagatda 472,41 kilometr tizlige ýetip, bu ugurdaky dünýä rekordyny täzeledi. BYD kompaniýasynyň ultralýuks brendi bolan «Yangwang»-yň bu ulagy Germaniýanyň ATP trassasynda synagdan geçirildi. Kuwwaty 1 müň 288 at güýjüne barabar bolan ulag 0-dan 100 km/sagat tizlige 2,36 sekuntda çykýar. «Yangwang U9» geçen ýylyň awgust aýynda geçirilen synagda 375,12 km/sagat tizlige ýetipdi. Şondan iki aýdan soňra bolsa, bu ulagda 391,94 km/sagat tizlik hasaba alyndy. Bu tizlik ýokary tizlikli otlulardan hem ýokarydyr. Adatça, ýokary tizlikli otlular sagatda 350 kilometr tizlik bilen hereket edýär. Şanhaýyň halkara aeroporty bilen şäher merkeziniň aralygynda gysga aralykda gatnaýan dünýäniň iň ýokary tizlikli otlusy bolsa sagatda 425 kilometr tizlige ýetip bilýär. Şeýlelikde, «Yangwang U9» ýerde hereket edýän iň ýokary tizlikli ulag boldy. Synag üçin häzirki wagtda «Yangwang U9» ulagy iki esse ýaly güýçlendirilipdir. Geçen ýylyň fewral aýynda önümçiligine başlanan ulagdan häzire çenli 173 sanysy müşderilere ýetirilipdir.

Mundan ozalky rekord «Aspark Aspark Owl» atly ýapon kompaniýasynyň «SP600» modeline degişlidi. Has ozalky rekord bolsa Horwatiýanyň «Rimac» ulagyna degişli bolup, «Nevera» atly ulag bilen 412 km/sagat tizlik hasaba alnypdy.

## 174 paraşýutçy rekord goýdy

Çikagoda 174 türgen paraşýutdan dikligine bökmekde rekord goýdular. Türgenler LaSalle okrugynda asmana göterilip, 10 ýyl ozal 164 adam bilen goýlan rekordy täzelediler. Türgenler böküşi amala aşyrmak üçin 5 günläp kyn howa şertleriniň düzelmegine garaşdylar. Rekord goýmaga 53 ýurtdan türgenler gatnaşdy. «Skydive Orange» klubunyň prezidenti Monika Nonçewa bu synanyşygy etmek üçin 2 ýyl töweregi türgenleşendiklerini aýtdy.



Türgenler uçardan aşak bökenden soňra, asmanda bilelikde dürli hereketleri hem ýerine ýetirdiler. Topar rekordy ýene-de täzelemegi maksat edinýär.

Bu ugurdaky mundan ozalky rekord 2015-nji ýylda 164 sany türgeniň gatnaşmagynda amala aşyrylypdy. Topar 2018-nji we 2022-nji ýyllarda hem rekord goýmaga synanyşdy, emma howa şertleri amatly däldi.

**Bahar ATAÝEWA,**
*Türkmen döwlet medeniýet institutynyň uly mugallymy.*

## Messini görmek üçin 20 müň kilometr ýoly welosipedli geçer

Lionel Messiniň Dünýä Kubogyndaky soňky oýnuny görmek isleýän argentinaly žurnalistler Argentinadan Demirgazyk Amerika tarap syýahata başlady. Argentinleriň futbola bolan söýgüsi bütin dünýäde mälimdir. Futboly jany-teni bilen söýýän argentinaly Huan Miguel Silio we kärdeşleri 2026-njy ýylda ABŞ-da, Meksikada we Kanadada geçiriljek Dünýä Kubogyna gatnaşmak üçin eýýäm ýola çykdylar. Entre-Rios welaýatynda ýaşaýan 55 ýaşly Silio futbol çempionatyna tomaşa etmek üçin Demirgazyk Amerika çenli welosipedli gitmegi ýüregine düwüpdir.



Onuň ýolbaşçylyk edýän topary barmaly menziline ýetmek üçin her gün 100 kilometr ýol geçmegi maksat edinýär. Jankööýerler köplenç gijelerine ýolunyň ugrunda kimdir biriniň öýünde Taňry myhmany bolýarlar. Ilatsyz ýerlerde bolsa, öz çadyrynda dynç alýarlar. Silio: «Welosipedli syýahat edeniňde syýahatyň başga görnüşindäkiden has köp göze ilýärsiň. Adamlar köp goldaw berýärler, sebäbi welosipedli adamy görenlerinde nireden gelip, nirä barýanyňy bilesleri gelýär» diýip belleýär.

Silio mundan ozal 2022-nji ýylda Madridden Katara çenli 6 aýda baryp, Messiniň duşuşyklaryna tomaşa edipdi. Toparyň agzalary Messiniň Dünýä Kubogyndaky duşuşyklaryna stadionda tomaşa etmegi we Argentinanyň kubok alanyna şaýat bolmagy maksat edinýärler.

## 9-njy sentýabrda tanyşdyrylar

«Apple» kompaniýasy täze «iPhone» smartfonlaryny 9-njy sentýabrda tanyşdyrjakdygyny mälim etdi. Amerikan brendi her ýylyň güýzünde smartfonlaryny we beýleki enjamlarynyň täze seriýasyny tanyşdyrýar. Berlen maglumata görä, müşderiler 12-nji sentýabrdan başlap, täze smartfonlary sargyt edip bilerler. Smartfonlar 19-njy sentýabrda global bazara hödürlener. Tanyşdyrylyş çäresinde jemi 4 telefon – «iPhone 17», «iPhone 17 Air» (has ýuka), «iPhone 17 Pro» we «iPhone 17 Pro Max» smartfonlary görkeziler.



Täze seriýadaky has ýuka model boljak «iPhone Air»-iň galyňlygy 5,5-6 millimetr aralygynda bolar. Bu enjam kompaniýanyň häzire çenli çykaran iň ýuka smartfony bolar.

Smartfonlar titan ýa-da alýumin gabaraly bolar. Ozalkylardan tapawutlylykda smartfonyň kamera obýektiwleri has az ýer tutar. Smartfonlarda «A18» ýa-da «A19» çipler oturdylar. «iPhone 17» we «Air» smartfonlaryň wagtlaýyn ýady 8 GB, «Pro» we «Pro Max» modelleriniňki 12 GB bolar. Smartfon 24 MP selfi kamera, «Pro» modelleri 48 MP yzky kamera, 8X «optik zoom» we 8K durulygynda wideo düşürmäge ukyply bolar. Telefonlar Wi-Fi 7, 5G, 35 W çalt zarýad, «Qi2» geçirijisiz zarýad beriş ýaly aragatnaşyk ulgamlary bilen üpjün ediler.

Çaklamalara görä, telefonlaryň bahasy her modelde ortaça 50 amerikan dollary ýaly artar. Seriýanyň iň gymmat modeli «iPhone 17 Pro Max»-yň bahasynyň 1 müň 600 amerikan dollaryndan ýokary bolmagyna garaşylýar. «iPhone 17 Air» bolsa, 899 amerikan dollardan başlanýan bahalar bilen satylar.

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Awgust aýynyň 29-y, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-117003
Belgisi: 35/1653
Tiražy: 8105
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Daýhan yhlasy – bereket çeşmesi

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli ykdysadyýetimiziň ähli ugurlary bilen bir hatarda, oba hojalyk pudagynyň ylmy binýadynyň pugtalanmagyna, oba hojalygynyň ylmy esasda ösdürilmegine aýratyn üns berilýär. Pudakda geçirilýän özgertmeleriň depginini has-da güýçlendirmek, döwrebaplaşdyrmak, daşary döwletlerden getirilýän önümleriň ornuny tutýan harytlaryň öndürilişini artdyrmak we eksport kuwwatyny ýokarlandyrmak babatda ägirt uly işler durmuşa geçirilýär.

Şu ýyl edermen gallaçylarymyz bugdaýyň bereketli hasylyny ösdürip ýetişdirdiler. Olar Watan harmanyna 1 million 400 müň tonnadan gowrak däne hasylyny tabşyryp, Watan öňündäki şertnamalaýyn borçnamalaryny üstünlikli berjaý etdiler. Häzirki döwürde Türkmenistanyň ekin meýdanlarynda ýerli toprak-howa şertlerine laýyk gelýän, bol hasylly we dänesiniň hili ýokary bolan bugdaýyň köp sanly sortlary ösdürilip ýetişdirilýär. Dänelik ekinleriň seleksiýasy, tohumçylygy we ösdürilip ýetişdirilişi bilen meşgullanýan ylmy-barlag institutynyň döredilmegi, dänäniň, unuň, çörek önümleriniň hilini anyklaýjy dünýä standartlaryna laýyk gelýän enjamlar bilen üpjün edilen häzirki zaman barlaghanasynyň gurulmagy, pudak üçin ýokary bilimli hünärmenleriň taýýarlanylmagy, alymlaryň täze nesliniň kemala gelmegine üns berilmegi muňa aýdyň şaýatlyk edýär.

Döwletimiz ýetişdirilen azyklyk dänäniň artykmaç mukdaryny eksport etmek mümkinçiligine hem eýe boldy. Ilaty et-süýt, ýumurtga we beýleki maldarçylyk önümleri bilen ýeterlik möçberde üpjün etmek, pudaga hususy önüm öndürijileri giňden çekmek boýunça degişli işler alnyp barylýar. Ýurdumyzda iri maldarçylyk we guşçulyk toplumlary yzygiderli işe girizilýär. Bugdaýyň, gowaçanyň, şalynyň, gant şugundyrynyň we beýleki oba hojalyk ekinleri-



niň bol hasylyny almak üçin döwletimiz tarapyndan zerur bolan tohumlaryň, dökünleriň, himiki serişdeleriň, tehniki hyzmatlaryň doly üpjün edilmegi, daýhanlara berilýän yzygiderli ýeňillikler azyk bolçulygyny üpjün etmegiň esasy şertleri bolup durýar.

Pagtaçylyk hem bu babatda oba hojalyk pudagynyň wajyp ugurlarynyň biri bolup, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümçiligi ösdürmek, ykdysadyýetimiziň eksport mümkinçiliklerini artdyrmakda döwlet maksatnamalarynyň ýerine ýetirilmegine mynasyp goşant goşýar. Şunuň bilen bir hatarda, ýyladyşhana hojalyklary azyk bolçulygyny üpjün etmekde möhüm orny eýeleýär. Halkymyzyň gadymdan gelýän önümçiligi bolan ýüpekçiligiň ösdürilmegine-de aýratyn ähmiýet berilýär.

Ýurdumyzda ylym-bilim ulgamynyň döwrebap ösdürilmegi babatynda maksatnamalaýyn işler durmuşa geçirilýär. Şu ýylyň 21-nji fewralynda Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň Ylmy-barlag maldarçylyk we weterinariýa institutynyň döredilmegi hem bu aýdylýanlara aýdyňlygy bilen şaýatlyk edýär.

Ylmy-barlag maldarçylyk we weterinariýa institutynyň bölümleriniň, barlaghanalarynyň alymlary tarapyndan alnyp barylýan işleriň maksady ýurdumyzda milli gymmatlyklarymyz bolan arwana düýeleriň, saryja goýunlaryň nesil arassalygyny gorap saklamak, gara mallaryň, garaköli goýunlaryň, geçileriň, guşlaryň tohum hilini gowulandyrmak bilen baglanyşykly tohumçylyk-seçgi işlerini ylmy esasda alyp barmak, ýerli mineral serişdeleri we dermanlyk ösümliklerini ulanmak arkaly täze, netijeli, özüne düşýän gymmaty arzan bolan weterinar bioserişdelerini öndürmekden ybarat bolup durýar.

Goý, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň başda durmagynda dabarasy dünýä dolýan ýurdumyzyň şan-şöhraty elmydama belent bolsun! Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk, hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk şanly toýlaryna barýan halkymyz bagtyýar durmuşda halal zähmetiň hözirini görüp ýaşasyn!

**Jora TAŞOW,**
*Türkmenistanyň Serhet institutynyň talyby.*

# Halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesi ýokarlanýar

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şu ýyl hemişelik Bitaraplygymyza 30 ýyl dolýar. Taryh üçin uly bolmadyk geçen gysga döwriň içinde ýurdumyz durmuş-ykdysady taýdan ösüp, tanalmaz derejede özgerdi. Munuň şeýledigine islendik ugurlara nazar aýlanymyzda hem aýdyň göz ýetirýäris. Ylym-bilimde, saglygy goraýyş ulgamynda, medeniýetde, senagatda, şol sanda oba hojalygynda düýpli özgertmeler amala aşyryldy. Ýurdumyzyň çar künjünde dürli maksatly binalardyr ýaşaýyş jaý toplumlary, önümçilik kärhanalary yzygiderli gurlup ulanmaga berilýär. Halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertleri barha ýokarlanýar, her bir raýatyň öndürijilikli işlemegi, göwnejaý dynç almagy, eşretli durmuşda ýaşamagy üçin ähli şertler döredilýär. Bu bolsa Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!», Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ynsanperwer ýörelgeleriniň iş ýüzünde doly amala aşyrylýandygyna aýdyň subutnamadyr.

Soňky ýyllarda Köneürgenç etrabynda birnäçe desgalar gurlup ulanmaga berildi. Häzirki wagtda hem birnäçe desgalaryň gurluşyk işleri batly depginlerde dowam edýär. 2014-nji ýylda 40 müň tonna tohumlyk gowaça çigidini gaýtadan işlemäge ukyby bolan pagta arassalaýjy kärhanasy, şeýle hem ýylda 6 müň tonna ýüplük öndürmäge mümkinçiligi bolan pagta egriji fabrigi açylyp ulanmaga berildi. Önümçilik kärhanalarda kärendeçi daýhanlaryň yhlasly zähmeti bilen kemala gelen pagta hasyly senagat taýdan gaýtadan işlenilip, taýýar çig mal görnüşine getirilýär. Bu önümler ýurdumyzyň dokma senagatyny ýeterlik mukdarda ýüplük bilen üpjün etmäge uly goşant bolup durýar. Häzirki wagtda ýurdumyzyň dokma toplumlarynda taýýarlanýan önümler diňe bir içerki bazarlarymyzda däl-de, eýsem, daşary ýurt bazarlarynda hem özüniň mynasyp ornuny tapýar.

Halkymyzy arassa agyz suwy bilen üpjün etmekde 2017-nji ýylda gurlup ulanmaga berlen Akýol geňeşliginiň çägindäki agyz suw desgasy hem öz işini döwrüň talabyna görä ýerine ýetirýär. Gije-gündiziň dowamynda 27 müň kub metr arassa içimlik suwy bermäge niýetlenen suw ýygnaýjy desga ähli ölçegler boýunça ýokary halkara ülňülerine laýyk gelýär. Tapgyrlaýyn zyýansyzlandyrmak hem-de agyz suwy sarp ediş ulgamyna bermäge taýýarlamak boýunça tehnologik işler kompýuter ulgamy arkaly dolandyrylýar. Bu ýerde barlaghana hem hereket edip, içimlik suwuň ähli taraplaýyn ýokary hilli bolmagyna gözegçilik edýär. Desgada oturdylan suw sorujy we itekleýji kuwwatly suw sorujy enjamlar dyngysyz işläp, halkymyzy arassa agyz suwy bilen ygtybarly üpjün edýär.

2018-nji ýylda ulanmaga berlen 10 gektar meýdany öz içine alýan Daşoguz azyk önümçilik birleşiginiň Köneürgenç etrabyndaky ýyladyşhana toplumyna hormatly Prezidentimiziň ilatymyzy ýylyň ähli döwründe ter gök önümler bilen üpjün etmek baradaky öňde goýan wezipelerini ýerine ýetirmekde uly orun degişli bolup durýar. Bu ýyladyşhanada ilatymyzyň gündelik isleg bildirýän pomidor hasyly ösdürilip ýetişdirilýär. Munuň özi ekologiýa taýdan arassa gök önümler bilen bazar bolçulygynyň döredilmegine uly mümkinçilik berýär.







Etrabymyzyň çäginde bilim-terbiýeçilik edaralarynyň birnäçesiniň gurlup ulanmaga berlendigini aýratyn bellemek gerek. Gurlup ulanmaga berlen çagalar baglarynyň, orta mekdepleriň, sport mekdepleriniň desgalarynda Watanymyzyň röwşen geljegi bolan ýaş nesillerimiziň döwrebap derejede bilim almagy üçin multimediýa tagtalary ornaşdyrylyp, sportuň dürli görnüşleri bilen meşgullanyp, sagdyn ruhly, berk bedenli bolup ýetişmegi üçin ähli amatly şertler döredilen.

Häzirki wagtda Köneürgenç etrabynyň Täze ýol geňeşliginiň çäginde şäher ösüşiniň we ilatly ýerleriň ýokary talaplary göz öňünde tutulyp taslamalaşdyrylan döwrebap şäherçäniň gurluşygy tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýar. Taslamada ýaşaýyş jaýlarynyň ýüzlerçesiniň, şol sanda kottejleriň gurluşygy bellenilendir. Bu ýerde eýýäm ýol düzümi kemala getirilip, gaz, elektrik we suw üpjünçilik ulgamlary çekilendir. 420 orunlyk umumybilim berýän mekdep, 160 orunlyk çagalar bagy, saglyk, medeniýet, aragatnaşyk we hyzmatlar öýleri, söwda merkezi, ýangyna garşy göreş gullugynyň binasy şäherçedäki durmuş-medeni infrastrukturalaryň hataryna girýär.

Häzirki wagtda etrabymyzyň çäginde gurlup ulanmaga berlen önümçilik kärhanalary, bilim-terbiýeçilik edaralary we dürli maksatly binalar halkymyza ygtybarly hyzmat edip, etrabymyzyň, obalarymyzyň gözelligine gözellik goşýar. Hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda, etrabymyzda amala aşyrylýan oňyn özgertmeleriň netijesinde halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesi düýpgöter gowulanýar, raýatlaryň asudalygyny, abadan durmuşyny kepillendirýär. Munuň özi Garaşsyzlygymyzyň bize beren datly miweleri bolup durýar. Garaşsyzlygymyzy alyp galkynan, Bitaraplygymyza begenen bagtyýar halkymyzyň Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza çyn ýürekden aýdýan alkyşlarynyň çägi ýok. Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli belent işleri mundan beýläk hem rowaç alsyn!

**Gülhumar HOJAHMETOWA,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Köneürgenç etrap birleşmesiniň esasy hünärmeni.*

# Täze okuw ýyly – täze üstünlikleriň badalgasy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Maslahatda hormatly Prezidentimiziň bilim ulgamyny kämilleşdirmäge, bilimiň ýokary hilini üpjün etmäge gönükdirilen wezipeleriniň geçen okuw ýylynda ýerine ýetirilişi seljerilip, täze okuw ýylynda ýetilmeli sepgitler, öňde durýan wezipeler kesgitlenildi.

Şeýle hem maslahatda milli tejribä, halkara bilim standartlaryna görä, kadalaşdyryjy hukuk namalaryny, okuw-usuly toplumlaryny taýýarlamak, mugallymlaryň hünär ussatlyklaryny ýokarlandyrmak, halypa-şägirt gatnaşyklaryny ösdürmekbilenbaglymeseleleraraalnypmaslahatlaşyldy. Maslahatda Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň nusgalyk kitaplary esasynda ýaş nesillerde watançylyk, milli buýsanç duýgularyny terbiýelemek, sanly bilimi ösdürmek, ýaşlaryň bilim bäsleşiklerinde, olimpiadalarda üstünlikli çykyş etmegini gazanmak, olary ylmy döredijilige, hünäre ugrukdyrmak bilen bagly täze okuw ýylynda meýilleşdirilýän işlere üns çekildi.

Häzirki wagtda ýurdumyzda täze okuw ýylyna giň gerimde taýýarlyk işleri gyzgalaňly alnyp barylýar. Her ýyl geçirilmegi däbe öwrülen bilim işgärleriniň usuly-amaly okuwlary bu ugurda alnyp barylýan netijeli işleriň aýdyň subutnamasydyr. Awgust aýynda ýurdumyzyň ähli künjeginde geçirilen bilim işgärleriniň usuly-amaly okuwlaryna bilim işgärleri gatnaşyp, orta hünär okuw mekdeplerinde okatmagyň hilini we netijeliligini ýokarlandyrmagyň ýollary barada hem çykyşlar guraldy. Geçen okuw ýylynyň jemini jemlemek hem-de täze 2025 – 2026-njy okuw ýylynda öňde durýan wezipeleri ara alyp maslahatlaşmak maksady bilen geçirilen usuly-amaly okuwlarynda öz hünärine ussat, tejribeli, okuw-terbiýeçilik işlerini ylmy-usuly esasda täzeçe guraýan, döredijilikli işleýän mugallymlaryň çykyşlary boldy, tejribeli mugallymlaryň gatnaşmagynda özara pikir alşyldy. Ýokary guramaçylykly geçirilen usuly-amaly okuwlarda bilim edaralarynda okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň esasy ugurlary we ýollary, bu möhüm ugurda bilim işgärleri tarapyndan geçirilmeli guramaçylyk işleri bilen baglanyşykly wajyp meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Ýurdumyzda täze okuw ýylyna taýýarlyk görmegiň çäklerinde alnyp barylýan işler bilen



bir hatarda, bilim işgärleriniň hünär taýýarlygyny ýokarlandyrmak, olaryň okatmagyň usulyýeti boýunça düşünjelerini kämilleşdirmek babatda geçirilen bilim işgärleriniň awgust usuly-amaly okuw sapaklarynda dürli derslerden okadýan mugallymlar özara tejribe alyşdylar. «Hünär – akar bulak, ylym – ýanar çyrag», «Ýigit görki – hünär», «Hünärli – zor, hünärsiz – hor», «Şägirt halypadan ozdurmasa, hünär ýiter» ýaly ajaýyp nakyllary durmuş ýörelgesine öwren türkmen halky ogul-gyzlaryna ýaşlykdan dürli hünärleri öwredipdir. Gözbaşyny müňýyllyklardan alýan bu milli durmuş mekdebi orta hünär okuw mekdeplerinde hem mynasyp dowam etdirilýär.

Ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýaş nesilleriň ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly bolmagy ugrunda uly işler durmuşa geçirilýär. Täze okuw ýylynyň ilkinji okuw gününde ajaýyp sowgat hökmünde Aşgabat şäherinde Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersiteti, Mary şäherinde Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň täze goşmaça okuw binasy hem-de umumyýaşaýyş jaýy, onlarça täze orta mekdepler we çagalar baglary dabaraly açylar. Ähli bilim edaralarynda «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly şygar astynda dabaraly baýramçylyk nyzamlar we hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän giň gerimli işleriniň many-mazmunyna bagyşlanan ilkinji okuw sagatlary geçiriler. Bu dabaralar ýatdan çykmajak ýakymly duýgulary paýlar hem-de ýurdumyzyň milli bilim ulgamynda ägirt uly üstünlikleriň gazanylandygyny alamatlandyrýan wakalar hökmünde taryha girer.

Hormatly Prezidentimiziň tabşyryklaryny birkemsiz ýerine ýetirmek maksadyndan ugur alyp, bilim işgärleriniň awgust maslahatynyň ýokary derejede üstünlikli geçirilmegi uly ähmiýete eýe boldy. Bilim ulgamynda zähmet çekýän her bir ynsanyň esasy wezipesi döwrebap bilimli, öňdebaryjy innowasion tehnologiýalardan oňat baş çykarýan, sagdyn bedenli, watansöýüji, terbiýeli ýaşlary kemala getirmekden ybaratdyr. Biz – bilim işgärlerine netijeli işlemäge, ýaşlara döwrebap bilim bermäge giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyş aýdýarys!

**Kakajan BERDIÝEW,**
*Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebiniň bölüm müdiri.*

# Sanly tehnologiýalar we sanly tehnikalar

**Bilim ulgamy ýurdumyzyň döwlet syýasatynyň möhüm ugry hökmünde milli we döwrebap tejribeler bilen utgaşdyrylýar. Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen multimediýa tehnologiýalaryny, öňdebaryjy iş tejribäni ulanmak arkaly orta, şeýle hem başlangyç, ýörite orta hünär we ýokary okuw mekdepleriniň döwrebap okuw ulgamy kemala getirilýär. Döwrebap okuw ulgamynyň özeni bolup sanly ulgam öňe çykarylýar. Häzirki maglumatlar jemgyýetinde bilim ulgamynyň innowasion ýol bilen ösdürilmegine, sanly bilim ulgamynyň doly özleşdirilmegine aýratyn ähmiýet berilýär.**

**Häzirki wagtda durmuşymyzy kompýutersiz, öýjükli aragatnaşyksyz göz öňüne getirmek mümkin däl. Sanly bilim ulgamyny ösdürmekde Diýarymyzyň bilim edaralarynyň ösen innowasion tehnologiýalar bilen üpjün edilmegi, mugallymlaryň kompýuter sowatlylygynyň yzygiderli kämilleşmegi örän uly ähmiýete eýedir.**

**Şu maksat bilen 2020-nji ýylyň 31-nji ýanwarynda Türkmenistanyň Prezidentiniň gol çeken Karary esasynda Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň Innowasiýa maglumat merkezi döredildi.**

**Merkeziň işiniň esasy maksady bilim bermegiň ähli basgançaklaryny ýokary hilli elektron bilim maglumatlary bilen üpjün etmäge, bilim edaralarynda berilýän bilimiň mazmunyny baýlaşdyrmaga, bilim edaralaryna sanly ulgam üçin zerur bolan elektron okuw-görkezme esbaplary, okuw wideo we audio materiallary, elektron okuw kitaplary we gollanmalary taýýarlamaga ýardam bermekden, bilim edaralarynyň maglumat we innowasiýa tehnologiýalary babatdaky işlerini utgaşyklylykda alyp barmakdan hem-de bilim maksatnamalary boýunça bilim bermekden ybaratdyr. Şeýle hem «mugallym – okuwçy – ata-ene» gatnaşygyny sanly usulda utgaşdyrmaga ýardam bermek merkeziň işiniň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar.**

**Innowasiýa maglumat merkezinde «Kompýuter sowatlylygy», «Işewürlik işi», «Programmirleme dilleri», «Kiberhowpsuzlyk», «AR, VR tehnologiýalary», «Robototehnika», «Sanly ykdysadyýet», «Elektron mekdep dolandyryş ulgamy», «Tor tehnologiýalaryň esaslary», «E-resminama dolanyşygynyň esaslary», «Scratch dilinde programmirleme», «Moodle platformasynyň esaslary», şeýle-de rus, iňlis, koreý, arap dillerini öwredýän okuwlar hereket edýär.**

**Ýurdumyzda alnyp barylýan sanly bilim syýasatyny ýörelge alyp, ýurdumyzyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinde, orta bilim mekdeplerinde okatmagyň innowasion usullaryny girizmek, häzirki zaman döwrebap tehnologiýalaryň ulanylyşyny öwretmek maksady bilen, Innowasiýa maglumat merkezinde bilim edaralarynyň mugallymlary we hünärmenleri üçin halkara standartlara laýyk gelýän okuw kurslary hem bar. Innowasiýa maglumat merkezi okuwçylaryň dürli zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin döredilen dürli okuw kurslaryny hem hödürleýär.**

**Mugallymlar diňleýjileriň bilimini artdyrmakda innowasion tehnologiýalaryny hem-de okatmagyň milli we döwrebap usullaryny peýdalanmak arkaly okadýarlar. Diňleýjileriň okuw bilen sagdyn durmuş ýörelgesini sazlaşykly alyp barmagy üçin bäsleşikli ýaryşlar we wagtyny hoş geçirmegi üçin medeni agşamlar yzygiderli geçirilip durulýar.**

**Sanly bilim ulgamyny yzygiderli ösdürip, ýaşlary belent maksatlara ýetmäge ruhlandyrýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işleri hemişe rowaç bolsun!**

**Bibigül AKYÝEWA,**
***Aşgabat şäherindäki 144-nji ýöriteleşdirilen orta mekdebiň mugallymy.***

# BANK ULGAMY GALKYNYŞLY DÖWRÜŇ ÖSÜŞ ÝOLUNDA

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

**Ylmyň soňky gazanan innowasion tehnologiýalaryny ulgama giňden ornaşdyrmak, bank hünärmenleriniň hünär derejelerini ýokarlandyrmak, sanly ulgamda ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň gerimini giňeltmek, hilini has-da ýokarlandyrmak, banklaryň bäsdeşlige ukyplylygyny artdyrmak ýaly durmuşa geçirilýän köpsanly çäreler aýratyn ähmiýete eýe bolan, oýlanyşykly çözgütlerdir.**

**Häzirki wagtda söwda we hyzmat ediş nokatlarynda bank kartlarynyň üsti bilen töleg terminallary arkaly geçirilýän, şeýle hem sanly ulgamda ýerine ýetirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek, tölegleriň programma üpjünçilikleriniň hilini ýokarlandyrmak ýaly wezipeler durmuşa geçirilýär. Töleg terminallary arkaly nagt däl görnüşinde hasaplaşyklary amala aşyran bank kartyny ulanyjylara «Cash back» pul sylagyny bermek ýaly höweslendiriji hyzmatlar ýerine ýetirilýär. «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky tarapyndan şu ýylyň ýanwar-iýul aýlarynda nagt däl görnüşinde geçirilen hasaplaşyklar üçin 6 051,7 müň manat möçberinde «Cash back» pul sylagy bank kartyny saklaýjy müşderilere gaýtaryldy.**

**Şu ýylyň 1-nji awgusty ýagdaýyna «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky boýunça edara-kärhanalardan we raýatlardan çekilen serişdeleriň galyndysy 5 636 095,3 müň manada deň boldy. Olardan diňe raýatlardan çekilen serişdeleriň goýumlaryň möçberi 1 210 568,2 müň manatdan geçendigini bellemek bolar.**

**Şu ýylyň ýanwar-iýul aýlarynda bu bank boýunça bank kart ulgamynda geçirilen amallaryň pul möçberi 5 802 883,2 müň manada deň bolup, bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 13,3 göterim ýokarlandy. Olardan «Internet-bank» ulgamy arkaly 2 216,9 müň manat, «Mobil-bank» ulgamy arkaly 8 740,5 müň manat hem-de «Elektron söwda» ulgamy arkaly 1 022,8 müň manat möçberinde nagt däl hasaplaşyklar geçirilendigini bellemek bolýar. Bu görkezijiler nagt däl görnüşinde geçirilýän hasaplaşyklaryň möçberiniň ýylsaýyn artýandygyny görkezýär.**

**Şeýle hem ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan müşderilere berilýän ýeňillikli karzlaryň möçberi hem dowamly artýar. Hormatly Prezidentimiziň degişli Kararlaryna laýyklykda täze gurlan ýaşaýyş jaýlaryndan öýleri gozgalmaýan emläk hökmünde girewe goýup, 30 ýyl möhlete, ýyllyk 1 göterim derejesinde 5 ýyla çenli ýeňillikli döwri bolan karzlary, durmuş guran ýaş maşgalalara zerur bolan öý goşlaryny we hojalyk harytlaryny satyn almak maksadyna 20 müň manada çenli ýyllyk 1 göterimli, 3 ýyla çenli möhlete berilýän ýeňillikli karzlary görkezmek bolar.**

**Mundan başga-da, hususy telekeçiligi ösdürmek, bazaryň dürli ugurlarynda ornaşmagyna mümkinçilikleri giňeltmek maksady bilen, «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary uly ähmiýete eýedir. Ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan kiçi we orta telekeçilige degişli taraplara önüm öndürmekleri we maýa goýum taslamalaryna 10 ýyl möhlete, dolanyşyk serişdelerini satyn almak üçin 1 ýyl möhlete, ýyllyk 5 göterimli karzlaryň berilmekligi dowamly alnyp barylýar.**

**«Kiçi we orta telekeçiligiň subýektleriniň milli programma önümlerini döretmek we enjamlaryny öndürmek hem-de satyn almak we ulanyşa girizmek boýunça taslamalaryny maliýe taýdan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda hususy telekeçilere milli programma önümlerini döretmek we enjamlary öndürmek boýunça işler üçin ýyllyk 2 göterim bilen, 2 ýyl ýeňillik döwri bolan 5 ýyl möhlete görkezilen maksatlar üçin 15 göterimden az bolmadyk hususy serişdelerini goýmak şertlerinde, taýýar milli programma önümleriniň we enjamlarynyň satyn alynmagy we ulanyşa girizilmegi üçin ýyllyk 2 göterim bilen, 6 aý ýeňillik döwri bolan 3 ýyl möhlete görkezilen maksatlar üçin 15 göterimden az bolmadyk hususy serişdelerini goýmak şertlerinde karz almak üçin mümkinçilik döredilen.**



**«Ýurdumyzyň oba hojalyk önümlerini öndürijileri maliýe taýdan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda oba hojalyk önümlerini öndürijilere oba hojalyk tehnikalaryny, gurallaryny, abzallaryny, oba we suw hojalygynda ulanylýan ekskawatorlary hem-de buldozerleri, suwy tygşytlaýjy enjamlary, suwaryşda ulanylýan suw geçirijileri satyn almak üçin ýyllyk 1 göterimli 10 ýyla çenli möhlete hem-de maldarçylygy we guşçulygy ösdürmek, oba hojalyk önümlerini öndürmek, gaýtadan işlemek, hyzmatlary ýerine ýetirmek bilen bagly maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmek, esasy serişdeleri hem-de emläkleri satyn almak üçin ýyllyk 5 göterimli 10 ýyla çenli möhlete ýeňillikli karzlaryň berilmekligi dowamly alnyp barylýar.**

**Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky tarapyndan fiziki taraplara berilýän sarp ediş maksatly karzlaryň möçberi üpjünçiligine zamunlyk resmileşdirilen ýagdaýyna 40 müň manada çenli, ýyllyk 12 (on iki) göterimli, 3 ýyla çenli möhlete, üpjünçiligine girew emlägi goýlan halatynda 150 müň manada çenli, ýyllyk 12 göterimli, 5 ýyla çenli möhlete resmileşdirilýär.**

**Mundan başga-da, ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinde bilim alýan talyplara okuwyň tölegini tölemek baradaky şertnama laýyklykda ýada hasap sypatnamada görkezilen möçberde nagt däl görnüşinde gaýtadan dikeldilýän karz ugry boýunça ýyllyk 5 göterimli, 5 ýyla çenli möhlete ýeňillikli karzlar berilýär.**

**Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak, ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösen döwletleriň hataryna goşmak ugrunda edýän ýadawsyz tagallalary, alyp barýan oýlanyşykly döwlet syýasaty günsaýyn öz oňyn netijelerini berýär. Şeýle ajaýyp mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň janlarynyň sag, başlarynyň dik, ömürleriniň uzak bolmagyny arzuw edýäris.**

**Bägül GURBANDURDYÝEWA,**
***Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň «Merw» şahamçasynyň Kassa amallary bölüminiň uly kassiri.***

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
gysga setirlerde

**Mýanmada saýlawlar geçiriler.** Şu ýylyň 28-nji dekabrynda Mýanmada ähli umumy saýlawlaryň birinji tapgyry geçiriler. Ýurduň saýlaw topary 28-nji dekabry konstitusiýa we degişli kanunlara laýyklykda, köp partiýaly ähli umumy saýlawlaryň birinji tapgyrynyň senesi hökmünde yglan etdi. Şeýle-de, soňky tapgyryň seneleriniň bellenilen tertipde yglan ediljekdigi habar berildi.



**Dünýäniň iň gowy awtoulagy.** ABŞ-nyň Kaliforniýa ştatynyň Montereý şäherinde geçirilen «Pebble Beach 2025» bäsleşiginde 1924-nji ýylda öndürilen «Hispano-Suiza H6C» atly awtoulag ýeňiş gazandy. Eminler bu ulagyň daşky görnüşiniň üýtgeşikdigini we ussat inženerleriň elinden çykandygyny bellediler. Bu bäsleşikde 1920-1930-njy ýyllardaky awtoulaglara uly üns berilýär.



**Gaty ses üçin jerime salyndy.** Şu tomus Şwesiýanyň polisiýasynyň ýol gözegçiligi gullugy sürüjilere awtoulagda aşa gaty sesde aýdym-saz aýtdyrandyklary üçin 550-den gowrak jerime ýazdy. Ýurtdaky düzgün bozulmalaryň ýarysy Bergslagen sebitinde hasaba alyndy. 2021-nji ýyldan bäri Şwesiýada «göze ilginç hereket» üçin, şol sanda, beýlekileri biynjalyk edýän güýçli aýdym-saz üçin jerime tölegi salynýan kanun hereket edýär. Jerime 1000 kron, ýagny 104 amerikan dollaryna deň.



**Gapy söýesi gymmatly daş bolup çykdy.** Rumyn obalaryndaky jaýlaryň birinde uzak ýyllap gapynyň ýönekeý söýesi bolup hyzmat eden daş seýrek duş gelýän gymmat bahaly hazyna bolup çykdy. Hünärmenler oňa, takmynan, 1 million amerikan dollary möçberinde baha kesdiler. Daşy tapan öý eýesi 1991-nji ýylda aradan çykandan soň, jaýy miras alan garyndaşy bu daşy hünärmenlere görkezýär. Netijede onuň «rumanit» atly ýantar daşydygy belli bolýar.



**Ýagyşdan gaçyp, utuş gazandy.** Hytaýda ýagyşdan gaçyp, lotereýa dükanyna giren zenan 140 müň amerikan dollary möçberinde pul baýragyny utdy. Ýagşyň diňmegine garaşan zenan öz bagtyny synap görmeli diýen karara gelip, satyjydan her biriniň bahasy 4 dollar bolan 30 petek satyn alýar. Onuň satyn alan altynjy petegi uly utuş gazanýar. Ýeňiji şunuň ýaly şowly pursat hakda hatda, arzuw hem etmändigini aýdýar.



**102 ýaşynda Fuji dagyna çykdy.** 102 ýaşly ýaponiýaly Kokiti Akuzawa Fuji dagynyň çür depesine çykan iň garry alpinist hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girdi. Akuzawa 96 ýaşynda hem Fuji dagyna çykypdy. Dagyň depesine adatça 7-10 sagatda baryp bolýan hem bolsa, goja agram salmazlyk üçin 3 günde baryp ýetdiler. Fuji dagy Honsýu adasyndaky Ýaponiýanyň iň beýik nokadydyr. Onuň beýikligi 3 müň 776 metre ýetýär.



**«Nvidia» täze çip işläp düzýär.** «Nvidia» kompaniýasy ABŞ-nyň hökümeti bilen täze, has ösen çipleri Hytaýa ibermäge rugsat almak maksady bilen gepleşik geçirýär diýip, kompaniýanyň baş direktory Jensen Huan aýtdy. Golaýda «Nvidia»-nyň Hytaý bazary üçin täze emeli aň çipini işläp düzýändigi, kompaniýanyň Hytaýa iberilmegine rugsat berlen «H20»-den hem has güýçli «B30A» atly çipini döredýändigi habar berlipdi.




**Daniýada poçta arkaly hat ibermek bes ediler.** Daniýanyň milli poçta kompaniýasy «PostNord Danmark» şu ýylyň ahyryna çenli kagyza ýazylan hatlary ugratmagyň bes ediljekdigini yglan etdi. Bu ýurtda poçta hatlarynyň 400 ýyldan gowrak taryhynyň tamamlanmagyna sebäp bolar. Maglumatlara görä, 20 ýylda Daniýada hatlaryň möçberi 90 göterimden gowrak ýagny 2000-nji ýyldaky 1,4 milliarddan 2023-nji ýylda 110 milliona çenli azalypdyr.




## TARYHDA ŞU GÜN

1885-nji ýylyň 29-njy awgustynda nemes inženeri Gottlib Daýmler özüniň «Daimler Reitwagen» diýlip atlandyrylýan ilkinji motosikli üçin patent alýar. Wilgelm Maýbah bilen bilelikde işlenip düzülen benzin hereketlendirijili iki tigirli ulag içinden otlanýan hereketlendiijili ilkinji motosikl hasaplanýar. Şol ýylyň 10-njy noýabrynda Daýmleriň ogly Paul motosikleti sagatda 12 kilometr tizlik bilen 3 kilometre çenli sürýär.



# ŞHG-niň nobatdaky sammiti




Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň sammiti 31-nji awgust – 1-nji sentýabrda Hytaýyň Týanszin şäherinde geçiriler. 20-den gowrak daşary ýurt liderleri we halkara guramalaryň wekilleri Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (ŞHG) sammitine gatnaşarlar. Bu barada Hytaýyň daşary işler ministriniň kömekçisi Lýu Bin metbugat ýygnagynda mälim etdi.

– Hytaýyň Başlygy Si Szinpin Haýhe derýasynyň kenarynda 20-den gowrak daşary ýurt ýolbaşçysy we 10-dan gowrak halkara guramanyň ýolbaşçylary bilen duşuşar, Döwlet Baştutanlary ŞHG-niň üstünlikli tejribesini ara alyp maslahatlaşarlar. Guramanyň ösüşiniň ugruny kesgitlärler, sammitiň çäginde hyzmatdaşlyk meseleleri boýunça ylalaşyga gol çekerler we guramany has jebis jemgyýete öwürmek barada pikir alşarlar – diýip, Lýu Bin aýtdy.

Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy 2001-nji ýylda döredilen halkara guramadyr. Oňa Hindistan, Eýran, Gazagystan, Hytaý, Gyrgyzystan, Russiýa, Täjigistan, Pakistan we Özbegistan girýär. Belarus Respublikasy 2024-nji ýylyň 4-nji iýulynda Astanada geçirilen sammitde gurama resmi taýdan goşuldy.

Owganystan we Mongoliýa syncy ýurtlar, Azerbaýjan, Ermenistan, Bahreýn, Müsür, Kamboja, Katar, Kuweýt, Maldiwler, Mýanma, Nepal, Birleşen Arap Emirlikleri, Saud Arabystany, Türkiýe, Şri-Lanka bolsa ŞHG-niň gepleşik boýunça hyzmatdaş ýurtlarydyr.

# 243 million amerikan dollarlyk şertnama



Owganystan Özbegistan bilen ýurduň energiýa üpjünçiligini gowulandyrmaga gönükdirilen dört esasy energiýa taslamasyny durmuşa geçirmek üçin 243 million amerikan dollarlyk şertnama baglaşdy. Bu barada Owganystanyň döwlet energiýa kompaniýasy «Da Afghanistan Breshna Sherkat» (DABS) habar berdi.

Şertnamalara Owganystanyň Ykdysadyýet boýunça wise-premýeriniň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji Mulla Abdul Gani Baradaryň we Özbegistanyň energetika ministri Džurabek Mirzamahmudowyň gatnaşmagynda gol çekildi. Taslamalaryň 18 aýyň içinde tamamlanmagyna garaşylýar.

**Duşuşygyň dowamynda gol çekilen iri taslamalar:**

- Kuwwaty 1000 MWt bolan «Surhan – Daşti-Alwan» 500 kW elektrik geçirijisini giňeltmek;
- Kuwwaty 800 megawolt-amper (MVA) bolan «Argandi» podstansiýasyny giňeltmek;
- Owganystanyň Nangarhar welaýatynda «Şeýh Mesri» podstansiýasynyň gurluşygy;
- 220 KWt-lyk Kabul-Nangarhar elektrik geçirijisini giňeltmek.

«Da Afghanistan Breshna Sherkat» kompaniýasynyň baş direktory Abdul Bari Omar dört şertnamany Owganystanda ygtybarly elektrik energiýasy bilen üpjün etmek üçin möhüm diýip häsiýetlendirdi.

Şeýle hem DABS bilen özbek kompaniýalarynyň arasynda 10 ýyl möhlet bilen elektrik energiýasyny satyn almak boýunça şertnama baglaşyldy.

# Tokio sanawyň başyny çekdi



Tokio uzak aralykdan işi we dynç alşy utgaşdyrmak boýunça iň oňat şäherleriň sanawynda birinji orny eýeledi. Bu barada Şweýsariýanyň «International Workplace Group» (IWG) topary tarapyndan taýýarlanan reýtingde aýdylýar.

2025-nji ýylda Ýaponiýanyň paýtagty ýokary internet tizligi, ösen ulag infrastrukturasy, howpsuzlyk, medeni durmuşynyň dürli-dürlüligi we uzak aralykdan işleýän daşary ýurtly hünärmenler üçin ýakynda girizilen wiza sebäpli birinji orny eýeledi diýlip, IWG-niň hasabatynda bellenilýär.

Tokionyň goşmaça artykmaçlygy onuň daglara, plýažlara we milli seýilgählere ýakynlygydyr. IWG-niň bellemegine görä, bu şäher tebigata çykmak mümkinçiligine eýe bolup, şäher gurşawynda işlemegi halaýanlar üçin amatlydyr.

IWG-de reýting düzülende uzakdan işlemek üçin ýaşaýyş jaý we infrastrukturanyň elýeterliligini, jemgyýetçilik ulagynyň ösüş derejesini, howa şertlerini, ýerli aşhanalaryň özüne çekijiligini we medeni dynç alyş mümkinçiliklerini öz içine alýan köp ölçegler göz öňünde tutulypdyr.

Bu ýyl IWG ilkinji gezek daşary ýurtlulara bir ýurtda uzakdan işlemäge we ýaşamaga mümkinçilik berýän wizalaryň elýeterliligine hem-de bahasyna hem seretdi.

IWG-niň ilkinji onlugyna Tokiodan başga-da, Rio-de-Žaneýro, Budapeşt, Seul, Barselona, Pekin, Lissabon, Rim, Pariž we Walletta girdi.

«Gibrid meýilnamalaryň ornaşdyrylmagy we bulut tehnologiýalarynyň ösmegi bilen adamlar özlerine laýyk gelýän iş ýerlerini hem-de işlemeli wagtyny saýlamak erkinligine eýe boldular» diýip, «CEO of International Workplace Group» toparynyň esaslandyryjysy we baş direktory Mark Dikson belläp geçdi.

«Bu tendensiýa dowam etdiriler» diýip, Dikson sözüniň üstüne goşdy. Onuň sözlerine görä, işgärlere uzakdan işlemäge mümkinçilik bermek, esasan hem, tomusda diňe bir iş we şahsy durmuşyň deňagramlylygyny gowulandyrmak we ýadawlygyň öňüni almak bilen çäklenmän, eýsem, öndürijiligi hem ep-esli ýokarlandyrýar.



# Söwda dolanyşygyny ARTDYRMAKÇY

Gyrgyzystan Gazagystanyň sebitdäki esasy strategik hyzmatdaşlaryndan biridir. Akordanyň metbugat gullugynyň maglumatlaryna görä, bu barada Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew mälim etdi.

– Ikitaraplaýyn söwdanyň möçberi, takmynan, 2 milliard amerikan dollaryna ýetdi. Bu görkezijini artdyrmak üçin ähli mümkinçilikler bar. Bilelikdäki birnäçe taslamany üstünlikli durmuşa geçirmäge mümkinçilik berýän maýa goýum hyzmatdaşlygy ýylsaýyn artýar. Suw we energetika pudagyndaky işlerimizi utgaşdyrýarys. Medeniýet we ynsanperwer ugurlardaky gatnaşyklarymyz güýçlenýär – diýip, Tokaýew Gazagystanyň we Gyrgyzystanyň Ýokary döwletara geňeşiniň Bişkekdäki ýedinji mejlisinde eden çykyşynda belläp geçdi.

Gyrgyzystanyň Prezidenti Sadyr Žaparow Gazagystan bilen dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk we gadymdan gelýän doganlyk ruhunda ählitaraplaýyn gatnaşyklary pugtalandyrmaga ygrarlydygyny aýtdy.

– Gazagystan biziň iň ýakyn goňşymyz, Gyrgyzystanyň daşary syýasatynda aýratyn orny eýeleýän we esasy söwda hyzmatdaşlarymyzyň biri bolan doganlyk ýurt – diýip, Žaparow aýtdy. Gyrgyzystanyň Prezidentiniň aýtmagyna görä, döwletleriň arasynda strategik hyzmatdaşlyk we özara gatnaşyklar ynamly ösýär.

Maslahatyň barşynda söwda-ykdysady, ulag-üstaşyr, suw-energetika, medeni-ynsanperwer ugurlarda hyzmatdaşlyk meselelerine garaldy. Resmi wekiliýetiň agzalary 2030-njy ýyla çenli ikitaraplaýyn söwda dolanyşygyny 3 milliard amerikan dollaryna çenli ýokarlandyrmak üçin «Ýol kartasyna» we beýleki hökümetara hem-de pudagara resminamalara gol çekdiler.

# Maliýe forumy geçiriler

4-5-nji sentýabrda Gazagystanyň paýtagty Astanada ýylyň esasy maliýe wakalaryndan biri bolan VIII «Astana Finance Days» forumy geçiriler. Bu ýylky çäräniň temasy «Sermaýa geljegi döredýär» bolar.

Şu ýyl «Astana Finance Days» forumy 70-den gowrak ýurtdan 5 müňden gowrak gatnaşyjyny – maliýe we tehnologiýa pudaklarynyň wekillerini, şol sanda telekeçileri, bankirleri, maýadarlary, innowatorlary, şeýle hem döwlet we jemgyýetçilik pudaklarynyň wekillerini bir ýere jemlär diýlip garaşylýar.

Häzirki forumyň üç tematik ugry bar: maliýe, infrastruktura we institusional sermaýa. Çykyş etjekler maliýe, finteh we durnukly ösüşiň häzirki tendensiýalaryny, kadalaşdyryşdaky üýtgeşmeleri we täze maliýe önümlerini – adaty portfel maýa goýumlaryndan kriptowalýuta çenli meseleleri ara alyp maslahatlaşarlar.

Forumyň alypbaryjylaryndan biri meşhur futurolog Brett King bolar. Ol «Bank 4.0: Täze maliýe hakykaty», «Tehnososializm. Deňsizlik, emeli aň we howanyň üýtgemegi täze dünýä tertibini döredýär», «Üsti doldurylan hakykat asyry» ýaly dünýäde iň köp satylan eserleriň awtorydyr.

Şeýle hem çykyş etjekleriň arasynda «Rakurs» ykdysady derňew merkeziniň müdiri Oraz Žandosow, «Freedom Holding Corp.»-yň baş ýerine ýetiriji direktory Timur Turlow, «Brookfield»-iň Ýakyn Gündogar ýurtlary boýunça dolandyryjy hyzmatdaşy we başlygy Jad Ellaun we beýlekiler bar.




«AFD Exhibition Hub»-yň ýeketäk sergi platformasy bolsa, şu ýylky forumyň esasy aýratynlygy bolar. Ol maýa bazarlarynda işleýän kompaniýalary we sanly innowasiýalary birleşdirer hem-de çözgütleri görkezmek, bazaryň ýerleşişini gowulandyrmak, strategiki hyzmatdaşlar bilen göni aragatnaşyk gurmak üçin giňişlik döreder.

# ÝELKENLI GÄMILERIŇ FESTIWALY GURALDY

**Ilkinji gezek 50 ýyl mundan ozal geçirilen iň uly niderland deňiz festiwaly «Sail Amsterdam» 10 ýyllyk arakesmeden soň 20-24-nji awgust aralygynda ýene-de geçirildi. Nordze kanalynda resmi taýdan başlan ýelkenli gämi ýörişiniň öňüni «Stad Amsterdam» gämisi çekdi. Ýörişiň hormatyna feýerwerk atyldy we ýokarsyndan Korollyk howa güýçleriniň uçarlary geçdi.**

**Bu ýylky festiwaldaky flotuň düzümine dünýäniň dürli künjeklerinden gelen dürli ölçegdäki nusgawy gämiler girdi. Bäş günlük festiwala 800-den gowrak gämi we 2 million töweregi myhman gatnaşdy. Festiwalyň dowamynda medeni çykyşlar, harby-deňiz görkezişleri, bilim sergileri, gämili we ýelkenli gezelençler ýaly gury ýerde hem-de suwda 200-den gowrak çäre guraldy.**

**1975-nji ýylda Amsterdamyň esaslandyrylmagynyň 700 ýyllygynyň şanyna döredilen «Sail Amsterdam» festiwaly her bäş ýyldan bir gezek geçirilýär. 2020-nji ýyldaky çäre COVID-19 pandemiýasy sebäpli ýatyrylypdy.**





# Emeli aň bilen işleýän geçelge

Dubaý Halkara howa menzili (DXB) emeli aň bilen işleýän dünýäniň ilkinji geçelgesini işe girizdi. Ol ýolagçylary saklamazdan ýa-da resminamalary görkezmezden immigrasiýa gözegçiliginden geçmäge mümkinçilik berýär.

– Emeli aň ulgamy bir wagtyň özünde 10-a çenli ýolagçyny gözden geçirip, olary barlag nokatlaryna barmazdan öň hem anyklap bilýär – diýip, Dubaýyň ýaşaýyş we daşary ýurtlular boýunça baş müdirliginiň (GDRFA) başlygy, general-leýtenant Muhammed Ahmed Al Marri aýtdy.

Täze emeli aň geçelgesi işi çaltlaşdyrýar we howa menziliniň kuwwatyny iki esse ýokarlandyrýar. Şeýle hem ulgam şübheli pasportlary gönüden-göni degişli bölümiň hünärmenlerine gönükdirmek bilen düzgün bozulmalaryň öňüni alýar.

Dubaý howa menzili 2024-nji ýylda halkara ýolagçy gatnawynyň möçberi boýunça dünýäniň iň köp ýolagçyly howa menzili derejesini eýeledi. Öňdebaryjy tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy garaşmagyň wagtyny azaldýar we dykynyşygyň öňüni alýar.




# Uçuşlar üçin mugt petek berer

Tailandyň Syýahatçylyk we sport ministrligi daşary ýurtly jahankeşdeler üçin mugt içerki uçuşlary ýola goýmagy maksat edinýär diýip, «Bangkok Post» neşiri habar berýär. Bu başlangyç azyndan 200 müň syýahatçyny özüne çekmek we belli şäherlere syýahaty höweslendirmek üçin býujetden 700 million tailand batyny talap eder.

Bu maksatnama «Thai Airways», «Thai AirAsia», «Bangkok Airways», «Nok Air», «Thai Lion Air» we «Thai Vietjet» ýaly alty kompaniýa gatnaşar.

Tailanda halkara uçuşyna petek satyn alan daşary ýurtly syýahatçylara ýurduň içinde bir gidiş we gaýdyş petegini bermek meýilleşdirilýär. Goşuň 20 kilograma çenli bolmagy göz öňünde tutulýar. Maksatnama sentýabr-noýabr aýlary üçin niýetlenendir. Halkara uçuşyny awiakompaniýada ýa-da onlaýn syýahatçylyk agentliginiň üsti bilen bron edeniňizde mugt petek alyp bilersiňiz.

Häkimiýetler bu maksatnamanyň paýtagtyň ykdysadyýetine 8,8 milliard tailand batyny gazandyrmagyna garaşýarlar. Bu taslamanyň tassyklanmagy üçin ýakyn wagtda Tailand hökümetiniň Ministrler Kabinetine hödürlener.

# Binagärligiň, sungatyň we aýdym-sazyň şäheri

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda 100 müňden köp ýaşaýjysy bolan 342 şäher bolup, bu şäherleriň köpüsi Atlantik we Ýuwaş ummanynyň kenarýakasynda ýerleşýär. ABŞ-daky şäherler owadan tebigaty, salkyn howasy we kaşaň jaýlary bilen syýahatçylary özüne çekýär. Miçigan kölüniň suwlarynda şöhlelenýän beýik binalary bilen görenleri haýrana goýýan Çikago hem Amerikanyň iň owadan we ösen şäherleriniň biridir. «Şemally şäher» ady bilen tanalýan bu şäher häzirki zaman binagärliginiň dörän ýeri bolup, rowaýata öwrülen blýuz aýdym-sazynyň mekany hasaplanýar.

Tutýan meýdany 600 inedördül kilometr bolan metropolda 3 milliona golaý ilat ýaşaýar. Illinoýs ştatynyň iň köp ilatly şäheri we ABŞ-da iň köp ilatly üçünji şäheri derejesini saklaýan Çikagoda amerikanlar, afroamerikanlar, ispanlar we aziýalylar ýaşaýar.

Çikago ýurduň iň uly kölleriniň biri bolan Miçigan kölüniň günorta-günbatar kenarynda ýerleşýär. Şol sebäpli şäherde plýažlar, kenarýaka dynç alyş merkezleri, seýilgähler we welosiped ýodalary örän köp. Şäheriň howasy hem jana şypaly bolup, maşk ýa-da gezelenç etmek üçin ýaramly hasaplanýar. Deňiz derejesinden 179 metr belentlikde ýerleşýän «şemally şäheriň» merkezinden Çikago derýasy akyp geçýär. Derýanyň ugrunda 38 sany köpri bolup, gije-gündiz suw ulaglary hereket edýär. Suw ulaglarynyň aglaba bölegi syýahatçylyk gämileri bolup, şäheriň binagärlik gurluşy bilen tanyşmaga mümkinçilik berýär. Mundan başga-da, Çikago derýasynda kömür, duz we gurluşyk enjamlary ýaly ýükler hem daşalýar.

Şäherde «Çikago mekdebi» diýlip atlandyrylýan beýik ymaratlaryň binagärligi esaslandyrylýar. Bulutlaryň arasyndan görünýän Çikagodaky binalar belentligi we kaşaňlygy bilen tapawutlanyp, täsin şäher gurluşyny emele getirýär. Çikagodaky iň beýik bina Willis diňi bolup, onuň beýikligi 442 metre ýetýär. Ondan soňra Tramp halkara myhmanhanasy we diňi (423 metr), Sankt-Regisdäki rezidensiýa binasy (365 metr), Aon merkezi (346 metr), Franklin merkezi (307 metr), Prudenşal Plaza 2 (303 metr) we Akwa binasy (262 metr) gelýär. Çikagonyň meşhur binalarynyň hatarynda «Bulut derwezesi» diýilýän «Cloud Gate» bolup, bu bina şäheriň binagärligi bilen häzirki zaman sungatyny birleşdirýär.

XX asyryň başynda Çikago göçüp baran afroamerikalylar «delta blýuz» sazyny getirip, elektrik saz gurallary bilen birleşdirýärler. Şeýlelikde, «Çikago Blues» ady bilen tanalýan güýçli we täsirli aýdym-saz stili döredilýär. Aýdym-sazyň bu žanry häzirki wagtda meşhur bolup, Çikagoda ýygy-ýygydan konsertler guralýar. Çikago her ýyl 55 million syýahatçy barýar. Çikagodaky iň esasy syýahatçylyk merkezi «Müňýyllyk» (Millennium Park) seýilgähi bolup, bu seýilgähdäki «Cloud Gate» we «Crown Fountain» hemişe köp adamly bolýar. Mundan başga-da, Çikago sungat muzeýi, Willis diňi, Tebigat taryhy muzeýi, Şedda akwariumy, «Navy Pier» söwda we dynç alyş merkezi, Linkoln seýilgähi şäheriň iň meşhur ýerleri hasaplanýar.



# Sportuň iň gadymy görnüşleri

**Taryhy maglumatlara görä, häzirki wagtda ýörgünli bolan sport görnüşleriniň köpüsi ir zamanlarda adamlaryň meşgullanan işlerinden we durmuş endiklerinden (awçylyk we daýhançylyk) gelip çykypdyr. Eýsem, ilkibaşda haýsy sport görnüşleri peýda bolduka? Geliň, sportuň iň gadymy görnüşleri bilen tanyş bolalyň!**

**Ok-ýaý atmak.** Ýaýçylyk we okçulyk bilen meşgullanmak giçki poleolit döwründen gözbaş alýar. Gadymy müsürliler ok-ýaýy söweşlerde yzygiderli ulanan we sport güýmenjesine öwren ilkinji siwilizasiýa hasaplanýar. Gadymy awçylyk ýaragy 1900-nji ýylda ilkinji gezek Olimpiýa oýunlarynyň hataryna sport görnüşi hökmünde girizilýär.

**Atly hokkeý (çöwkan).** Toparlaýyn sport görnüşi bolan çöwkan oýny at üstünde oýnalýar. Oýna her topardan 4 atly gatnaşyp, utuk gazanmak üçin kiçijik agaç topy bambukdan ýasalan taýajyk bilen derwezeden geçirýärler. Turan topragynda dörän çöwkan oýny baradaky maglumata «Kowusnama» eserinde gabat gelmek bolýar. Bu oýnuň ilkinji



halkara ýaryşy XII asyrda Ýakyn Gündogaryň çapyksuwarlarynyň arasynda Bagdat şäherinde geçirilýär. Ondan soňra Hindistana, Angliýa we Amerika ýaýran sportuň bu görnüşi meşhur güýmenjeleriň birine öwrülýär. Çöwkan oýny «polo» ady bilen 1900-nji ýylda geçirilen ikinji Olimpiýa oýunlarynyň maksatnamasyna girizilýär.

**Naýza zyňmak.** Olimpiýa oýunlarynyň ilkinji ýyllaryndan başlap, naýza zyňmak ýaryşlary ýeňil atletikanyň düzüminde geçirilip başlanýar. Oýunçylaryň ylgap gelip, boş meýdança tarap uzyn taýagy zyňmagy arkaly geçirilen sportuň bu görnüşi ilkibaşda meşhur bolmaýar. 1906-njy ýylda häzirki Olimpiýa oýunlaryndan soň naýza zyňmak meşhur sport görnüşine öwrülýär. Polşadan Germaniýa, Şwesiýa we Finlýandiýa ýaýran naýza zyňmak ýaryşlary zenanlaryň arasynda ilkinji gezek 1932-nji ýylda geçirilýär. Olimpiýa oýunlarynda ulanylýan naýzanyň agramy erkekler üçin 800 gram, zenanlar üçin 600 gram bolup, ilkibaşda uzyn taýak has agyr (4-6,5 kilogram) bolupdyr.

**Ylgaw.** Ylgamak dünýäniň iň gadymy sport görnüşleriniň biridir. Sebäbi sportuň bu görnüşi üçin sport enjamlary ýa-da aýratyn meýdança hökman däl. Ylgaw ýaryşlaryny islendik ýerde – köçede, kenarýakada, düzlükde we ş.m. geçirip bolýar. Ýüwrükleriň arasynda geçirilen has irki ýaryşlar giçki poleolit (daş asyry) döwrüne degişlidir. Miladydan öňki 776-njy ýylda geçirilen Olimpiýa oýunlarynda ylgaw ýaryşlarynyň ilkinji gezek sport görnüşi diýlip tassyklanandygy aýdylýar. Ýöne muňa garamazdan, käbir çeşmelerde ylgaw ýaryşlarynyň miladydan öňki 1829-njy ýylda Irlandiýada geçirilendigi hem agzalýar.

**Göreş.** Adamzat taryhynda başa-baş söweş sungatynyň ilkinji görnüşi göreş hasaplanýar. Miladydan öňki 150-nji ýyllarda esgerlerdir serkerdeleriň arasynda geçirilen biri-biriňi ýykmak ýaryşy dabaraly günlerde geçirilýän köşk güýmenjeleriniň naýbaşysy hasaplanypdyr. Göreş barada maglumatlar, ýagny diwara oýulyp çekilen 15 müň 300 ýyllyk suratlar ilkinji gezek Fransiýanyň Lasko gowagyndan tapylýar. Güýçlüleriň ýaryşy biziň eýýamymyzdan öňki 708-nji ýylda Olimpiýa oýunlarynyň sanawyna girizilýär.

# Öýde çalşyrylyp durulmaly esbaplar

**«Arassaçylyk – saglygyň girewi» diýilýär. Şol sebäpli arassaçylyk işlerinden daşary, öýdäki käbir esbaplary hem ýygy-ýygydan çalşyp durmaly.**

**Diş çotgasy.** Arassaçylyk serişdeleriniň iň esasylarynyň biri bolan diş çotgasy her gün azyndan bir gezek ulanylýar. Diş çotgasynda aşa köp bakteriýalaryň toplanýandygyny göz öňünde tutmak bilen 2-3 aýdan çalşyp durmaly. Şeýle hem her gezek ulanylandan soň, diş çotgasynyň suwuny doly syrykdyryp, gabyna salyp goýmaly.

**Ýapynja.** Käbir adam ýorgan-düşegiň daşyna ýukajyk matadan daşlyk tutýar. Köpler bolsa, ýorgan-düşegiň üstüne ýapynja ýazyp ulanmagy kem görmeýär. Ýatylýan otagdaky ýorgan-düşegiň daşlygy ýa-da ýapynja hepdede azyndan iki gezek antibakterial serişdeler bilen ýuwulmaly.



Şeýle hem ýapynjalary gurandan soň, ütüklemegi hem ýatdan çykarmaly däl.

**Ýassygyň daşy.** Kelläniň goýulýan ýeri bolan ýassygyň daşy hem çalt hapalanýan öý esbaplarynyň biridir. Ýassygyň daşyny hem ýapynjalar ýaly, her 2-3 günden ýuwup, çalşyryp durmaly.

**Makiýaž çotgasy we pamygy.** Gelin-gyzlaryň köp ulanýan serişdeleriniň biri bolan makiýaž çotgasy we pamygy ýüzüňe göni-den-göni öz täsirini ýetirýär. Deriniň saglygy üçin makiýaž enjamlaryny ýygy-ýygydan arassalamaly we yzygiderli çalşyryp durmaly.

**Sintetik sürteç (gubka).** Gap-gaç ýuwmak üçin ulanylýan sintetik sürteç hem bakteriýalaryň jemlenýän ýeri hasaplanýar. Her gezek ulanylandan soň, sintetik sürtejiň köpürjigini mazaly syrykdyryp, ýörite gapda goýmaly. Şeýle hem azyndan hepdede bir gezek çalşyryp durmaly.

**Hammam çalgyjy (polotensa).** Hammam çalgyjy hem özüne çyglylygy siňdirýändigi we saklaýandygy üçin bakteriýalaryň köpelýän ýeri hasaplanýar. Şol sebäpli el-ýüzüňi süpürmek ýa-da hammam üçin ulanylýan mata çalgyçlar her gezek ulanylandan soň doly guradylmaly ýa-da çalşyrylmaly. Şeýle hem hammamdaky enjamlary ýygy-ýygydan antibakterial serişdeler bilen arassalamaly hem-de hammamy gury saklamaga çalyşmaly.

# ÇAGALAR

Ýer ýüzünde tüwiniň 120 müň görnüşi bar. Şalynyň ata Watany Hytaý hasaplanýar.




Iki dogan maşgala fermasyny bilelikde ýöredýän ekenler. Olaryň birisi öýli-işikli bolup, uly maşgalasy bar eken. Beýleki birisi bolsa, heniz öýlenmedik eken. Doganlar günüň ahyrynda ähli önümlerini we girdejilerini des-deň paýlaşypdyrlar.

Bir sapar inisi öz ýanyndan şeýle diýipdir:

– Biziň ähli hasyly deň paýlaşmagymyz dogry däl. Çünki men ýeke we meniň zerurlyklarym hem onçakly köp däl.

Şondan soň ol her gije öz ammaryndan bir halta däne alyp, gizlinlik bilen bugdaý meýdanynyň içi bilen doganynyň ammaryna daşapdyr.

Şol wagt maşgalaly dogany hem öz ýanyndan şeýle diýipdir:

– Biziň ähli hasyly des-deň paýlaşmagymyz adalatly däl. Meniň iň bolmanda, garrylykda aladamy etjek çagalarym bar. Inim bolsa, ýeke we onuň aladasyny etjek maşgalasy ýok.

Şondan soň, ol hem her gije bir halta dänäni doganynyň ammaryna getirip döküpdir.

Doganlar bir gün däne ätiýaçlyklarynyň hiç hili kemelmeýändigini görüp, geň galypdyrlar. Bir ýola olar gijäniň ümüş-tamşynda tötänlikde biri-birine gabat gelipdirler. Olar ilki allaniçigsi bolup, doňup galypdyrlar. Şondan soň olar haltalaryny taşlap, biri-birini gujaklapdyrlar.

**Bir – dogan dözmez, birde – dogran.**

# Ýapraga meňzeş jandarlar

**Her bir jandaryň, mör-möjegiň özüne mahsus ýaşaýyş aýratynlygy we goranyş ukyby bolýar. Tebigatda käbir jandarlar dürli howplardan goranmak üçin pasla ýa-da ýaşaýan ýerine görä reňkini üýtgedýän bolsa, käbiri dogabitdi tebigatdaky haýsydyr bir zada – ýapraga, daşa, agajyň köküne meňzeýär. Tokaýlarda ýapraga meňzeýän jandarlaryň dürli görnüşi – kebelekler, gurbagalar, süýrenijiler duş gelýär. Olary ýapraklaryň arasyndan saýgarmak örän kyn bolup, ilki bilen bu jandarlar baradaky maglumatlary öwrenmeli bolýar.**

**Ýaprak çekirtgesi.** Ylmy ady «pseudophyllus titan» bolan uzyn antennaly bu möjejik ýaşyl çekirtgeleriň iň uly görnüşi hasaplanýar. Günorta-Gündogar Aziýanyň tropik tokaýlarynda ýaşaýan bu çekirtgäniň uzynlygy 13 santimetre ýetýär. Ganatynyň uzynlygy 23 santimetre deň bolan ýaşyl çekirtgä başgaça «sasuma çekirtgesi» hem diýilýär.

**Günorta Amerikanyň ýaprak balygy.** Amazonka derýasynda ýaşaýan ýapraga meňzeş bu balyk agaçlaryň kölege salyp duran ýerlerinde ýaşamagy halaýar. Latynça «monocirrhus polyacanthus» diýlip atlandyrylýan bu balygyň göwresi ýasy bolup, gyrasynda ýapraga meňzeş kertik-kertik ösüntgileri bar. Ýyrtyjy balygyň bu görnüşi gara ýa-da goňur reňkde bolýar.

**Guran ýaprak çekirtgesi.** Günorta-Gündogar Aziýada ýaşaýan çekirtgäniň bu görnüşi ýapraga meňzeş goňur reňki bilen dürli howplardan goranyp bilýär. Ylmy ady «chorotypus gallinaceus» bolan uçýan möjejigiň bu görnüşi Malaýziýada we Singapurda duş gelýär.

**Malaý ýaprak gurbagasy.** Ylmy taýdan «megophrys nasuta» diýlip atlandyrylýan Malaýziýanyň ýaprak gurbagasy Malaýziýada, Sumatrada we Borneoda duş gelýär. Daşky görnüşi guran ýapraga meňzeýän bu gurbaga gözüniň üstündäki uzyn şahy bilen tanalýar. Ýagyşly tokaýlarda ýaşaýan bu gurbagany saýgarmak kyn bolup, sesi arkaly tapmak bolýar.



**Hindi dub ýapragy kebelegi.** Ganaty uzalanda gök we mämişi reňki bilen haýran galdyrýan bu kebelek adaty ýagdaýda agajyň guran ýapragyna meňzeýär. Ganatynda ýapragyňka meňzeş çyzyklary we nagyşlary bolan bu kebelek, esasan, dub agajynda ýaşaýar. Şol sebäpli bu möjejige dub kebelegi hem diýilýär. Dub kebelegine Gimalaý daglarynda we Aziýanyň gündogar-günorta sebitlerinde duş gelmek bolýar.



**Ýaprak hažžygy.** Madagaskar adasynda duş gelýän bu süýrenijä başgaça guran ýaprak gekkosy hem diýilýär. Tropik tokaýlarda ýaşaýan bu jandar Madagaskaryň endemik jandary hasaplanýar. Uzynlygy 9 santimetre ýetýän bu hažžygyň uzyn guýrugy guran ýapraga meňzeýär. Ýaprak hažžygy gyrmyzy, mämişi we sary reňklerde bolup, ulaldygyça goňur reňke öwrülýär. Ullakan gözli bu jandar agaçlarda ýaşaýar.

# Tüwiniň näçe görnüşi bar?

**Irki döwürlerden bäri iýilýän däneli iýmitleriň biri bolan tüwi taryhyň dürli döwürlerini başdan geçirendigine garamazdan, aşhananyň aýrylmaz azyk harytlarynyň biri hasaplanýar. Gadymy Ýaponiýada pula derek ulanylan kiçijik ak däneler kosmosda hem ösdürilip ýetişdirildi. Eýsem, dünýäde şalynyň näçe görnüşi ösdürilip ýetişdirilýärkä?**

- Hünärmenler Ýer ýüzünde tüwiniň 120 müň görnüşiniň bardygyny belleýärler. Ekerançylykda bu ekiniň adyna we daşy gabykly dänesine şaly, harazdan geçirilen azyklyk ak dänesine bolsa tüwi diýilýär. Şaly adamzat taryhynda ilkinji ekerançylyk ekinleriniň biridir. Arheologik tapyndylar şalynyň, takmynan, 9 müň ýyl ozal Hytaýda ösdürilip ýetişdirilendigini görkezýär. Ilkibaşda Ýanszy derýasynyň boýunda ekilen şaly söwda ýoly arkaly Aziýa ýurtlaryna we tutuş dünýä ýaýraýar.
- Alymlaryň käbiri şalynyň Aziýada däl-de, Afrikada medenileşdirilendigini belleýärler. Takmynan, 3 müň ýyl ozal Afrikada şala meňzeş «oryza glaberrima» (tüwi şekilli) diýilýän başga bir ekin ösdürilip ýetişdirilipdir.
- Şaly aslynda köp suwy talap etmeýär. Bu ekiniň suw basan meýdanlarda ösdürilip ýetişdirilmeginiň sebäbi bolsa, şalyny haşal otlardan we zyýankeşlerden goramakdyr. Hatda şaly çägesöw meýdanda hem bitýär. Emma haşal otlar bu ekini gysyp, saralmagyna ýa-da guramagyna sebäp bolýar.



- Ýaponiýada irki ýyllarda «koku» diýilýän ölçeg birligi arkaly puluň ornuna tüwi berlipdir. Şeýlelikde, ýaponlar koku hasaby boýunça aýlygyň deregine bir ýyllap iýjek tüwüsini alypdyrlar.
- Tüwiniň dünýäde 120 müňden gowrak görnüşi bolup, uzyn, orta we gysga däneli, şeýle hem ak, goňur, gara, gyzgylt reňkli, jasmin, basmati we şepbeşik tüwi ýaly görnüşlere bölünýär. Her görnüşiň özboluşly tagamy, düzümi we ýokumlylygy bar.
- Tüwiniň suwy deri we saç üçin peýdaly bolup, tüwiniň suwuny, esasan, aziýaly zenanlar ulanýarlar.



- Ýapon awtoulag ägirtleri «Honda» we «Toyota» kompaniýalarynyň atlarynyň manysy «tüwi meýdany», «hasylly tüwi meýdany» diýmegi aňladýar. Soňlugy bilen familiýa hökmünde geçen bu sözleriň aňyrsynda şalyçylyk bilen bagly rowaýatlar bar.
- Ýaponiýanyň Inakadate obasynda «Tambo sungaty» diýlip atlandyrylýan şaly ekilen meýdanda şekil ýasamak sungaty oýlanyp tapylýar. Oba adamlary suwly meýdanlarda şalynyň dürli reňkli görnüşlerini sazlaşykly ekip, şekilleri we nagyşlary döredýärler. Uzakdan ýa-da ýokardan seredeniňde, şaly ekilen meýdanda täsin görnüşleri synlamak bolýar. 1993-nji ýylda başlanan bu däp her ýyl syýahatçylaryň müňlerçesini özüne çekýär.

### Labirint



### 6 tapawudy tapyň!



### Gyzykly pursat



# TÜRKMEN TEATR SUNGATYNYŇ ÄGIRDI

Türkmen teatr we kino sungatynyň ussat artistleridir režissýorlarynyň ençemesi ykballaryny teatr hem-de kino sungatyna baglap, özleriniň ýiti zehinleri, yhlas-başarnyklary bilen sahnada, şol sanda mawy ekran arkaly janlandyrýan keşpleriniň özenine girip, halk köpçüliginiň sylag-hormatyna mynasyp bolmagy başarypdyrlar. Şeýle artistleriň biri bolan Türkmenistanyň halk artisti, türkmen teatr sungatynyň ägirdi Aman Gulmämmedow bolup, onuň ömri we döredijiligi baradaky maglumatlary okyjylara ýetirmegi makul bildik.



Türkmen teatr sungatynyň düýbüni tutan, onuň ösmegine uly goşant goşan ilkinji halypalaryň biri bolan Aman aga bilen ilkinji gezek geçen asyryň 70-nji ýyllarynda Mollanepes adyndaky Türkmen döwlet drama teatrynda görüşmek miýesser edipdi. Ol wagtlar baýry teatryň döredijilik topary her hepdäniň ýekşenbe güni gündiz sagat 11:00-da spektakllary bilen çykyş edýärdiler. Men şol wagtlar on ýaşymdadym, özümem Aşgabadyň bir çetinde ýerleşýän 8-nji orta mekdepde okaýardym. Biziň öýümiz teatrdan gaty bir uzakda-da däldi. Bir gün men teatra baranymda, orta ýaşlaryndaky ýüzi gülüp duran adam teatra oýun görmek üçin baran çagalaryň ýanlaryna baryp, «Teatra oýun görmäge geldiňizmi, tüweleme, onsoň, siziň oýna tomaşa edeniňizden soň artist bolasyňyz gelýärmi?!» diýip ýüzlenipdi. Ol bu soraglary maňa-da berip, meni birinji hataryň çetinde oturan ýaşuly adamyň ýanyna eltdi-de: «Aman aga, ynha, şu oglanjyk teatra köp gatnaýar welin, şundan artist çykaýmagy ahmal, siz şuňa nähili garaýarsyňyz?!» diýip ýüzlendi. Ak saçy ýokaryk gaňtarylan, ýüzi gülüp duran nurana ýaşuly maňa elini uzadyp salamlaşdy-da: «Bu oglanjykdan artistem çyksa çykar welin, bu hökman sungat işgäri bolup ýetişer» diýdi.

Halypanyň aýdan şol sözleri häli-häzirlerem meniň kalbymdan we aňymdan gidenok. Soň görüp otursam, meni ýaşulynyň ýanyna elten adam Türkmenistanyň at gazanan artisti Gündogdy Hakgyýew, maňa maslahat beren ýaşuly bolsa teatryň şol wagtky ýolbaşçysy, Türkmenistanyň halk artisti Aman Gulmämmedow eken. Şondan soň mende hökman artist bolup, sahnada çykyş ederin diýen arzuw döräpdi.

Indi şol teatr Talyplar teatryna öwrülip, onuň faýesinde şol halypalaryň portretleri asylgy dur. Men her gezek Aman aganyň portretine seredenimde









çagalygymda bolup geçen şol waka göz öňümde peýda bolýar. Olaryň teatryň sahnasynda ýaşap, özlerine tabşyrylan keşpleri çyn ýürekden janlandyryşlary meniň göz öňümden birin-birin geçip başlaýar. Bu ýagdaý şol halypa artistleriň näderejede ussat bolandygyna, kärlerine ýürekden ýapyşýandyklaryna şaýatlyk edýär. Guýmagursak ýiti zehini bilen döreden keşpleri arkaly meşhurlyga eýe bolan, köpleriň halypasy Aman Gulmämmedow şeýle belent derejelere nädip ýetdikä? Muny bilmek her birimiz üçin gyzykly bolsa gerek.

Beýik daglaryň eteginde ýerleşýän Ýylgynkäriz atly kiçijik obada dünýä inen Amanyň çaga kalbynda adamlara şatlyk duýgusyny kim oýardyka?! Amanyň kakasy wagtal-wagtal gyrgy tüýdük çalar eken. Belki, ol kakasynyň şol sazlarynyň hoş owazyndan täsirlenendir. Amanyň adamlar bilen köpräk gürrüňdeş bolasy, çeper eserleri okasy geler eken. Şol wagtlar Amanlara Salyr bagşy ýüggy-ýüggydan gelip, saz çalyp, aýdym aýdyp hezil beripdir. Aman bolsa kakasynyň gapdalynda oturyp, şol aýdym-sazlary diňläpdir. Şol aýdylan aýdymlar, çalnan sazlar ýaş oglanyň kalbyna ornan bolmaly, onda şolar ýaly adamlara şatlyk paýlamak höwesi döräpdir. Aman entek dogduk obasynda çopançylyk edip ýörşüne dünýägaraýşyny giňeltmegiň, hökman okuw bilen ymykly meşgullanmagyň arzuwy bilen ýaşapdyr. Aman geçen asyryň ýigriminji ýyllarynda Gökdepedäki mekdep-internatda okanyndan soň, ylym-bilime ýykgyn eden ýigdekçäniň köp okasy, gün-günden öňünde açylyp barýan ylym dünýäsiniň çuňňur syrlaryna aralaşasy gelipdir. Şondan soň Aman Aşgabada gaýdýar we suratkeşlik ugrundan okuwa girýär. Emma bu okuwy başarmajakdygyna gözi ýeten Aman mehaniki tehnikumda okap başlaýar. Ol tehnikumda hereket edýän drama gurnagyna höwes bilen gatnaýar. Emma ýüregi diňe tomaşaçy küýseýän ýetginjek şol wagt paýtagtda ýerleşýän A.S.Puşkin adyndaky rus drama teatrynyň ýanyndaky türkmen teatr studiýasynyň açylandygyny eşidip şol ýerde okap başlaýar. Soňlugy bilen, türkmen drama teatrynyň açylmagy bolsa Aman Gulmämmedowyň artist hökmünde ykrar edilmegine getirýär. Meşhur sahna hem kino ussady özüniň manyly ömrüniň dowamynda 200-den gowrak keşbi ussatlarça döredip, tomaşaçylara hödürleýär. Gogolyň «Derňewçi», Şekspiriň «Otello», Güseýin Muhtarowyň «Allan aganyň maşgalasy» sahna oýunlaryndaky üç sany biri-birine meňzemeýän keşpleri Aman agasyz göz öňüne getirmek mümkin däl. 1955-nji ýylda şol spektakllar Moskwa şäherinde geçirilen festiwallarda tomaşaçylar tarapyndan gyzgyn garşy alynýar we teatr tankytçylary tarapyndan oňat baha mynasyp bolýar. Aman aga bolsa ýokary sylag bilen sylaglanýar. Aman Gulmämmedow ýarym asyrdan gowrak wagtlap Mollanepes teatrynda diňe bir artist hökmünde däl, eýsem, başarjaň ýolbaşçy, janypkeş režissýor hökmünde işlemek bilen, Türkmenistanyň halk artistleri Ata Alowowyň, Welmyrat Amanowyň, Abdylla we Tylla Ýakubowlaryň, Orazgül Abbasowanyň, Muhammet Bekiýewiň, Enejan Orazmyradowanyň we başga-da ençeme artistleriň kämilleşmeginde belent sepgitlere ýetmeklerinde uly işler bitiripdir.

Aman aganyň şägirtleriniň biri, häzirki wagtda ýurdumyzyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky baş akademiki drama teatrynda döredijilikli zähmet çekip ýören Türkmenistanyň halk artisti Enejan Orazmyradowa halypasyny ýatlap şeýle diýdi:

— Aman aga meniň hem halypam, hem mugallymymdy. Ol ençeme ýyllap türkmen drama teatryna ýolbaşçylyk etdi. Ol teatryň ýolbaşçysy bolsa-da artistleri ugrukdyryjy wezipesinem alyp barýardy. Aman aga bilen Galpak Herräýew, Bazar Amanow dagy 1926-njy ýyldan 1929-njy ýyl aralygynda açylan ilkinji üç ýyllyk türkmen teatr studiýasynda okap, Mollanepes teatrynda zähmet ýoluna başlaýarlar. Şonuň üçinem olar türkmen teatr sungatynyň düýbüni tutan halypalar hökmünde tanalýar. Aman aga bilen maňa birnäçe spektakllarda keşp janlandyrmak bagty miýesser etdi. Hydyr Derýaýewiň «Ykbal», Güseýin Muhtarowyň «30-njy ýyllar», Gogolyň «Derňewçi» spektakllarynda men käte onuň gyzy, käte-de gelni bolup çykyş edýärdim. Aman aga teatryň abraýy üçin köp zähmet çekipdi. Ol hatda teatrda sahnalaşdyrylýan spektakllaryň hemmesine öz teklibini hödürläp, režissýorlara özüniň tejribesinden öwüt-ündewler berip durardy. Ol teatryň ýolbaşçysy bolup işlände režissýor hökmünde spektakllary sahnalaşdyrýardy. Aman aganyň sahnalaşdyran «Wýetnam gelni» hem-de «Murgabyň kenarynda» atly spektakllary teatr muşdaklarynyň gyzgyn söýgüsine mynasyp bolupdy. Ol «Wýetnam gelni» atly spektaklyny sahnalaşdyranda, maňa baş gahryman Sau atly gyzyň keşbini janlandyrmagy ynanypdy. Bu bolsa meniň üçin uly bagtdy. Men halypamyň ynamyny ödemek üçin şol keşbiň üstünde gije-gündiz işläp, halypamy razy edipdim. Men Aman agadan köp zat öwrendim. Şol öwrenen zatlarym bolsa häzirki güne çenli meniň döredijiligime ýagty saçyp gelýär. Ondan öwrenere zat kändi. Sebäbi ol teatr sungatynyň ägirdidi. Biz ýaly ýaş artistlere irmän-arman öz tejribesinden öwrederdi, öwüt-nesihat bererdi. Mollanepes teatryna ilki Aman aganyň inisi Maşdy Gulmämmedow ýolbaşçylyk edýärdi. Ondan soň ýolbaşçy bolup Aman aga işläp başlady. Bizi guwandyrýan zat Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň medeniýet, sungat we döredijilik işgärlerine goýýan sarpasy, halypalarymyzy ýatlamaga mümkinçilik döredýändigi. Aman Gulmämmedowyň ýaşan jaýy hem öý muzeýi hökmünde hereket edip gelýär. Medeniýetimizi, sungatymyzy ösdürmekde bimöçber işleri alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak, il ýurt bähbitli işleri rowaç bolsun.

Türkmenistanyň halk artisti, köpleriň halypasy, sahna ussady Aman Gulmämmedowyň halkymyzyň öňünde, Watanymyzyň öňünde, teatr sungatyny ösdürmekde bitiren hyzmatlary göz öňünde tutulyp, döwletimiz tarapyndan Türkmenistanyň halk artisti diýen hormatly at dakylyp, döwlet baýraklary, birnäçe orden-medallar bilen sylaglandy. Arkadag şäherindäki drama teatryna Aman aganyň adynyň dakylmagy bolsa, döwletimiz tarapyndan sylag-sarpasynyň bimöçberligine güwä geçýär.

Teatry ikinji öýi hasaplan Aman aga dünýä belli awtorlaryň eserlerindäki iň kyn keşpleri gözläpdir, şolar bilen öz sungatyny baýlaşdyrasy gelipdir. Ol hemişe gözlegde bolupdyr. Gözlän zadyny tapýanam eken, döredýänem eken. Onuň sungat başlangyçlary, iş tejribesi teatryň döredijilik topary tarapyndan öwrenilip dowam etdirilýär.

Aman aga türkmen kino sungatyna-da özüniň saldamly goşandyny goşýar. Onuň «Allan aganyň maşgalasy» atly filmdäki baş gahrymanyň keşbi kino muşdaklary we halk köpçüligi tarapyndan gyzgyn garşy alnan keşp bolupdy. Aman Gulmämmedow beýik ynsanlaryň biri bolmak bilen, ýurdumyzyň milli teatr hem kino sungatynyň, medeniýetiniň, türkmen halkynyň buýsanjy bolup, ady asyrlarboýy ýaşar. Aman aganyň Myrat hem Baýram atly ogullary, agtyklarydyr çowluklary, şonuň ýaly-da şägirtleri ony hemişe ýagşylykda ýatlaýarlar. Çünki ýagşy adam ýatdan çykmaýar.

**Akmyrat HOJABERDIÝEW,**
*Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginiň hünärmeni.*






## 48-nji KROSSWORD

● **DIKLIGINE:** **1.** Deri. **2.** Itiň bir tohumy. **3.** Torgaýdan ulurak, saýraýan meýdan guş. **4.** Daşky geýim tikilýän ýukarak ýüň mata, mawut. **5.** Tapylan iň uly meteorit. **6.** Senagatyň himiýa, rezin we beýleki pudaklarynda ulanylýan ýumşak ak daş. **7.** ...-tire. **8.** Älemde bar bolan organik we organik däl ähli zatlar. **10.** Gyz ady. **11.** Uly jaý, ymarat. **16.** Dost, ýoldaş. **17.** Milli naharlaryň biri. **20.** Italýan aşhanasynyň bir tagamy. **22.** Perzent, bala. **24.** «Çykyp gitdi bir azy, syrtyndadyr mykrazy» (matal). **25.** Nemes botanigi ... Karl Genrih Emil. **26.** Içine süýji, köke ýaly zatlar salnyp düwlen toýpaý ýaglyk. **27.** Burnuň aşagyndaky çukurjyk. **28.** Ýüzi ownuk hem iri dişli polat esbap. **29.** Oýnuň bir görnüşi. **31.** Güýç, kuwwat. **34.** Bir zadyň daşyna aýlanan beýik bolmadyk diwar. **36.** Dost-ýar, tanyş. **37.** Ösümligiň düýbi. **38.** Geometrik şekil. **40.** Miwe. **41.** Halk döredijiligi. **42.** Daragt. **45.** Ýüz görülýän enjam. **46.** Gadym döwürlerde urşujylaryň kellesine geýen depesi çüri demir telpegi. **50.** Oglan ady. **51.** Içi per ýa-da pagta bilen doldurylan ýumşak öý goşy. **52.** Gyz ady. **54.** Gurluşyk ulagy. **55.** Dowaryň art aýagynyň injik süňki bilen but süňküni birleşdirýän başam barmagyň başy ýaly ululykdaky süňk. **57.** Göni bolmadyk. **58.** Oglan ady. **60.** Hal, ahwal.

● **KESELIGINE:** **7.** Iň haýal jandar. **9.** Gysganç däl, sahy. **12.** Iki tigirli ulagyň bir görnüşi. **13.** Gözüň üstündäki kirpikli ham örtügi. **14.** Baglaýjy kömekçi. **15.** Guşuň bir görnüşi. **17.** Oduň syçraýan owunjak bölejikleri. **18.** Aziýada bir döwlet. **19.** Däneli ekin. **21.** Aşygyň at tarapy. **23.** Daşyna sapak saralan tigir. **26.** Bir zadyň asty. **28.** Balyk önümi. **30.** Suwuklyk guýlup içilýän çüýşe gap. **32.** Guşlaryň çöp-çalam ýygnap ýumurtgalaýan ýeri. **33.** Gazylyp alynýan mineral jisimler. **35.** Suw ýygnanyp, batga bolup ýatan ýer. **37.** Nury Halmämmedowyň meşhur sazy. **39.** Türkmen iti. **41.** Supra, desterhan. **43.** Jübüt san. **44.** Fransuz çöregi. **47.** Ýagynyň bir görnüşi. **48.** Ýakyn däl. **49.** Aziýada bir döwlet. **52.** «Ependi: – Men ... taýagymy alyp geleýin – diýip gitdi» (Halk döredijiliginden). **53.** Toý däpleriniň biri. **56.** Aýy (köne söz). **58.** Gün ýaşyp, garaňky gatlyşan wagty. **59.** Wagt görkezýän enjam. **61.** Laý, batga. **62.** Süýt önümi.









Sahypany taýýarlan Täjigözel BÄŞIMOWA.

# Türkmenistanyň milli ýygyndysy halkara ýaryşa wekilçilik eder

Futbol boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndysy şu gün başlanjak MAFA Milletler Kubogy (CAFA Nations Cup) ýaryşyna gatnaşar. 2-nji gezek guralýan ýaryşyň duşuşyklary 2 şäherde – Duşanbe (Täjigistan) hem-de Daşkent (Özbegistan) şäherlerinde geçiriler. 8-nji sentýabrda tamamlanjak ýaryşyň




duşuşyklary Duşanbedäki 20 müň orunlyk «Hisor» merkezi stadionynda, şol sanda Daşkentdäki 12 müň orunlyk Olimpiýa hem-de 8500 tomaşaça niýetlenen «Jar» stadionynda oýnalar.

Türkmenistanyň milli ýygyndysy «A» toparçada ýer eýeleri Özbegistanyň, Gyrgyzystanyň hem-de Omanyň milli toparlary bilen güýç synanyşar. «B» toparçada bolsa ýer eýeleri Täjigistan bilen bir hatarda, Eýranyň, Owganystanyň hem-de Hindistanyň milli ýygyndylary duşuşarlar.

Toparçalarda 1-nji orny eýelänler 8-nji sentýabrda Olimpiýa stadionynda geçiriljek finalda duşuşarlar. Toparçalarda 2-nji ýeri eýelänler ýene-de şol gün «Hisor» merkezi stadionynda bürünç medal ugrunda duşuşyk geçirerler.

Türkmenistanyň milli ýygyndysynyň baş tälimçisi Röwşen Meredow bu ýaryşda çykyş etmek üçin 24 futbolçyny toparyň düzümine çagyrdy.

Ilkinji gezek 2023-nji ýylda guralan ýaryşda Eýranyň ýygyndysy çempionlyk gazanypdy.

***Türkmenistanyň milli ýygyndysynyň düzümi:***

**Derwezeçiler:** Muhammet Öwezow («Şagadam»), Rasul Çaryýew, Rüstem Ahallyýew («Arkadag»).

**Goragçylar:** Wepa Jumaýew («Witebsk»), Bagtyýar Gürgenow («Ahal»), Abdy Bäşimow, Ybraýym Mämmedow, Berdimyrat Rejebow, Yhlas Toýjanow, Güýçmyrat Annagulyýew («Arkadag»).

**Ýarymgoragçylar:** Ýazgylyç Gurbanow, Arzuwguly Sapargulyýew, Mirza Beknazarow, Welmyrat Ballakow, Yhlas Saparmämmedow, Ahmet Ataýew («Arkadag»), Rahman Myratberdiýew («Altyn Asyr»), Gurban Annaýew («Ahal»).

**Hüjümçiler:** Mihail Titow («Ozgen»), Didar Durdyýew, Şamämmet Hydyrow, Şanazar Tirkişow, Altymyrat Annadurdyýew, Begenç Akmämmedow («Arkadag»).

**29-njy awgust (anna)**
Eýran – Owganystan (17:00) – «Hisor» stadiony
Täjigistan – Hindistan (20:30) – «Hisor» stadiony

**30-njy awgust (şenbe)**
Gyrgyzystan – Türkmenistan (17:00) – «Jar» stadiony
Özbegistan – Oman (19:30) – Olimpiýa stadiony

**1-nji sentýabr (duşenbe)**
Hindistan – Eýran (17:00) – «Hisor» stadiony
Owganystan – Täjigistan (20:30) – «Hisor» stadiony

**2-nji sentýabr (sişenbe)**
Oman – Gyrgyzystan (17:00) – «Jar» stadiony
Türkmenistan – Özbegistan (19:30) – Olimpiýa stadiony

**4-nji sentýabr (penşenbe):**
Owganystan – Hindistan (17:00) – «Hisor» stadiony
Täjigistan – Eýran (20:30) – «Hisor» stadiony

**5-nji sentýabr (anna)**
Türkmenistan – Oman (17:00) – «Jar» stadiony
Özbegistan – Gyrgyzystan (19:30) – Olimpiýa stadiony

**8-nji sentýabr (duşenbe)**
«A2» – «B2» (3-nji ýer) – «Hisor» stadiony
«A1» – «B1» (Final) – Olimpiýa stadiony

# Ronaldo 4 klubda 100 gola ýeten ilkinji futbolçy boldy

Saud Arabystanynyň Super Kubogynyň final duşuşygynda «Al-Ahli» bilen «Al-Nassr» toparlary duşuşdy. Gonkongda oýnalan oýnuň esasy wagtynda ýeňiş gazanan bolmady. Çekeleşikli geçen oýnuň 41-nji minutynda Kristiano Ronaldo 11 metrlik jerime urgusyny dürs urup, «Al-Nassr» topa-



ryny 1–0 hasabynda öňe saýlady. Bu onuň «Al-Nassr» toparyndaky 100-nji goly bolup, ol 4 klubda hem-de milli ýygyndyda 100 gol geçiren ilkinji futbolçy hökmünde taryha girdi. Ronaldo «Mançester Ýunaýtedde» 145, «Real Madridde» 450, «Ýuwentusda» 101, milli ýygyndyda-da 138 gol geçirdi.

**«Al-Ahli» 2-nji gezek kubogy eýeledi**

Ronaldonyň bu goluna «Al-Ahli» topary 45+6-njy minutda Frank



Kessiniň goly bilen jogap berdi. Duşuşygyň 2-nji ýarymynda-da edil 1-nji ýarymyndaky ýaly toparlar garşylykly gol geçirdiler. Has takygy, 82-nji minutda Brozowiçiň goluna «Al-Ahli» topary 89-njy minutda Ibanýesiň goly bilen jogap berdi. Oýundan soň penalti urgularynda «Al-Nassr» topary ýeke säwlik goýberdi. Ronaldo, Brozowiç, Feliks topy dürs ursa, Al-Haibariniň urgusyny derwezeçi saklamagy başardy. «Al-Ahli» toparynda bolsa Touni, Kessi, Mahrez, Al-Buraikan hem-de Galeno topy ýalňyşmazdan derweзä girizdiler. Şunlukda, penaltilerde 5–4 hasabynda üstün çykan «Al-Ahli» topary 2016-njy ýyldan soň 2-nji gezek Saud Arabystanynyň Super Kubogyny gazanmagy başardy.

Ýarym finalda «Al-Ahli» «Al-Kadsiýa» toparyny 5–1, «Al-Nassr» bolsa «Al-Ittihady» 2–1 hasabynda ýeňipdi.

**«Al-Nassr» bilen kubok gazanmak başardanok**

«Al-Nassr» topary geçen ýylam finalda «Al-Hilaldan» ýeňlipdi. Ronaldo «Al-Nassr» topary bilen umumylykda 3-nji gezek ilkinji kubogyna golaýlasa-da, ýene bir ýola bu oňa başartmady. Ronaldo karýerasynda 12-nji gezek finalda ýeňlişe sezewar boldy.

2013-nji ýyldan bäri gowşurylyp gelinýän bu kubogy iň köp «Al-Hilal» topary gazandy. Kubogy 5 gezek eýelän «Al-Hilaldan» soň «Al-Nassr» bilen «Ah-Ahli» toparlary 2 ýeňiş bilen ikinjiligi paýlaşýarlar. «Al-Ittihad», «Al-Fateh» hem-de «Al-Şabab» klublary-da 1 gezek ýeňiji boldular.

# MÖWSÜMDÄKI 10-njy ÝEŇŞI

**Moto GP boýunça möwsümiň 14-nji ýaryşy Wengriýanyň Balatonfokaýer şäherçesinde geçirildi. 26 aýlawdan ybarat bolan ýaryşda «Ducati Lenovo» toparynyň ispan sürüjisi Mark Markes ýeňiş gazandy. Ol ýaryşy 42 minut 37,681 sekuntda tamamlap, bassyr 4-nji, möwsümdäki 10-njy ýeňşini baýram etdi. Bu onuň karýerasynda gazanan 72-nji ýeňşi hökmünde hasaba alyndy. Markes sprint ýaryşynda-da ýeňiji bolup, goşmaça 12 utuk hem gazandy.**



**Ýaryşda «Red Bull KTM Factory Racing» toparynyň ispan sürüjisi Pedro Akosta ýeňijiden 4,314 sekunt yza galyp, 2-nji orny eýeledi. «Aprilia» toparynyň italiýaly sürüjisi Marko Bezzekki 3-nji orna mynasyp boldy.**

**Şunlukda, utugyny 455-e ýetiren Mark Markes çempionlyga barha golaýlap gelýär. Ol möwsümiň tamamlanmagyna 8 ýaryş galanda, 2-nji ýerdäki inisi Aleks Markesden («BK8 Gresini Racing») 175 utuk öňde barýar. Aleks Markesiň 280, 3-nji ýerdäki Françesko Banaianyň («Ducati Lenovo») 228 utugy bar.**

**Möwsümiň 15-nji ýaryşy Barselona-Katalunýa «Gran Prisi» 7-nji sentýabrda Ispaniýanyň Montmelo şäherinde geçiriler.**

# TENNIS HABARLARY

► Meksikanyň Monterreý şäherinde zenanlaryň arasynda geçirilen «Monterreý Açyk» tennis ýaryşynyň finalynda russiýaly 2 tennisçi duşuş-



dy. 3 setde tamamlanan finalda Diana Şnaýder watandaşy Ýekaterina Aleksandrowany 2:1 (6:3, 4:6, 6:4) hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Şunlukda, 21 ýaşyndaky Şnaýder karýerasy boýunça «WTA 500» ýaryşynda 2-nji, umumylykda-da 5-nji çempionlygyny gazandy.

► ABŞ-nyň Kliwlend şäherinde geçirilen «Tennis in the Land WTA 250» ýaryşynda rumyniýaly Sorana Kyrstýa ýeňiji boldy. 35 ýaşyndaky tennisçi finalda amerikaly Enn Lini 6:2, 6:4 hasaplar bilen ýeňmegi başardy. Bu onuň «Daşkent Açyk» (2008) hem-de «Stambul Kubogy» (2021) ýaryşlaryndan soň gazanan 3-nji çempionlygydyr.

► ABŞ-nyň Winston-Salem şäherinde geçirilen erkekleriň arasyndaky «Winston-Salem Açyk» tennis ýaryşynda wengriýaly Marton Fuçowiç ýeňiji boldy. 33 ýaşyndaky tennisçi finalda niderlandlarly Botik wan de Zandshulpy 6:3 we 7:6 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Bu onuň karýerasyndaky 3-nji ATP çempionlygydyr.

► Russiýaly ozalky meşhur tennisçi Mariýa Şarapowanyň ady Halkara tennis şöhratlylar zalyna ýazyldy. Şol mynasybetli zalyň ýerleşýän ýeri bolan Rod Aýlenddäki Nýuport (ABŞ) şäherinde geçirilen dabara gatnaşan 5 «Uly tuwalganyň» eýesi, 38 ýaşyndaky Şarapowa adyny taryhyň sahypalaryna altyn harplar bilen ýazylýandygy üçin örän şatdygyny belläp geçdi. Nyşany Serena Williamsyň elinden alan Şarapowa ozalky ussatlar Marat Safin hem-de Ýewgeniý Kafelnikowdan soň bu ýe-



re ady ýazylan 3-nji russiýaly tennisçi boldy. 1954-nji ýyldan bäri tennisçileriň ady ýazylýan zalda 300 töweregi tennisçiniň ady bar. Bu ýere ýylda 2–3 sany tennisçiniň ady goşulýar. Şu ýyl Şarapowadan başga amerikaly doganlar Bob we Maýk Braýanlaryň atlary hem şöhratlylar zalyna ýazyldy.




**Hepdäniň esasy duşuşyklary**

| | |
|---|---|
| **29-njy awgust (anna)** | |
| Hamburg – Sankt-Pauli (23:30) | |
| Leçқe – Milan (23:45) | |
| Aston Willa – Kristal Palas (00:00) | |
| Walensiýa – Hetafe (00:30) | |
| **30-njy awgust (şenbe)** | |
| Çelsi – Fulham (16:30) | |
| Werder – Baýer (18:30) | |
| M. Ýunaýted – Börnli (19:00) | |
| Tottenham – Bornmut (19:00) | |
| Alawes – Atletiko (20:00) | |
| Augsburg – Bawariýa (21:30) | |
| Napoli – Kaliari (23:45) | |
| Piza – Roma (23:45) | |
| Tuluza – PSŽ (00:05) | |
| **Real Madrid – Malýorka (00:30)** | |
| **Sporting – Porto (00:30)** | |
| **31-nji awgust (ýekşenbe)** | |
| **Reýnjers – Seltik (16:00)** | |
| Braýton – Man. Siti (18:00) | |
| **SSKA – Krasnodar (20:00)** | |
| **Liwerpul – Arsenal (20:30)** | |
| Borussiýa D – Union Berlin (20:30) | |
| Jenoa – Ýuwentus (21:30) | |
| Inter – Udineze (23:45) | |
| **Lion – Marsel (23:45)** | |
| R. Wallekano – Barselona (00:30) | |

# «Liwerpul» hem-de «Barselona» soňky minutlarda ýeňiş gazandy

Angliýanyň çempionatynda soňky çempion «Liwerpul» myhmançylykda «Nýukasl» bilen duşuşyp, 90-njy minutdan soň geçiren goly esasynda ýeňiş gazandy. Çekeleşikli geçen oýunda «Liwerpul» 2–0 hasabynda öňe saýlandy (Grawenberh 35, Ekitike 46). 45+3-nji mi-







nutda meýdançada 1 oýunçy kem galan «Nýukasl» 90 minut tamamlanmanka Gimaraýnsyň (57) hem-de Osulanyň (88) gollary bilen hasaby deňledi. Ýöne «Liwerpul» kynlyk bilenem bolsa ýeňiş gazanmagy başardy. Duşuşygyň 90+10-njy minutynda 16 ýaşyndaky Rio Ngumoa oýna gireninden 4 minut soň toparyna ýeňiş getiren oýunçy boldy. Ol APL-niň taryhynda gol salan iň ýaş 4-nji futbolçy hökmünde hasaba alyndy. Şunlukda, «Liwerpul» täze möwsümiň ilkinji 2 duşuşygynda-da 2 gol geçirdip, ýeňşini soňky minutlarda gazanmagyň hötdesinden geldi.



**«Tottenhamdan» 10-njy gezek ýeňildi**

Tapgyryň merkezi duşuşygynda «Tottenham» topary myhmançylykda «Mançester Sitini» Jonsonyň (35) hem-de Palinýanyň (45+2) geçiren gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňdi. Guardiola tälimçilik karýerasynda «Tottenham» toparyndan 10-njy gezek ýeňildi. Guardiolany «Tottenhamdan» öň diňe «Liwerpul» 10 gezek ýeňipdi. London derbisinde «West Ham» öz meýdançasynda öňe geçendigine garamazdan, «Çelsiden» 5–1 hasabynda asgyn geldi (Paketa 6 — Žoao Pedro 15, Pedro Neto 23, Fernandes 34, Kaisedo 54, Çaloba 58). Londonyň başga bir kluby «Arsenal» öz meýdançasynda «Lids Ýunaýtediň» derwezesinden jogapsyz 5 gol girizdi. Gollaryň 2-sini täze transfer Gýokereş (48, 90+4 p), beýleki 2-sini goragçy Timber (34, 56) hem-de Saka (45+1) öz atlaryna ýazdyrdylar. «Fulham» bilen myhmançylykda 1–1 (Smit-Rou 73 — Muniz 58 ö.d.) hasabynda deňme-deň oýnan «Mançester Ýunaýted» bu tapgyrda-da ýeňiş gazanyp bilmedi. Oýunda 38-nji minutda «Ýunaýtedden» Bruno Fernandeşiň ýerine ýetiren 11 metrlik jerime urgusy sowa geçdi. «Ewerton» topary öz meýdançasynda «Braýtony» Ndiaý hem-de Garneriň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňdi. Geçirilen 2 goluň pasyny hem täze transfer Jäk Griliş berdi. Duşuşyk «Ewertonyň» täze stadiony «Hill Dickinson» stadionynda oýnaldy. 52 müň 769 orunlyk bu desga klubuň ozalky 133 ýyllyk taryhy stadiony «Goodison Park»-yň deregine guruldy.

**2-nji tapgyryň netijeleri:** West Ham—Çelsi: 1–5, Man. Siti—Tottenham: 0–2, Börnli—Sanderland: 2–0, Bornmut—Wulwerhempton: 1–0, Brentford— A. Willa: 1–0, Arsenal—Lids: 5–0, K. Palas—N. Forest: 1–1, Ewerton—Braýton: 2–0, Fulham—M. Ýunaýted: 1–1, Nýukasl – Liwerpul: 2–3.

***

Ispaniýanyň çempionatynda soňky çempion «Barselona» myhmançylykda «Lewante» bilen duşuşyp, ahyrky minutlarda ýeňşini baýram etdi. Ýer eýeleri 1-nji ýarymda Romero (15) hem-de Moralesiň (45+7 p) gollary bilen 2–0 hasabynda öňe saýlandy. Ýöne katalonlar 2-nji ýarymyň başynda Pedri (49) we Ferran Torresiň (52) tapawutlanmagynda hasaby deňledi. «Barselona» ýeňiş goluny 90+1-nji minutda Elgesebalyň awtogoly esasynda geçirdi.





**Mbappe gol geçirmegini dowam edýär**

24 ýyldan soň «La Liga» çykan «Owiedo» bilen myhmançylykda duşuşan «Real Madrid» garşydaşyny 3–0 hasabynda utdy. Gollaryň 2-sini Kilian Mbappe (37, 83), beýlekisini-de oýna soň giren Winisius Junior (90+3) derweзä girizdi. «Atletiko Madrid» öz meýdançasynda «Elçe» bilen deňme-deň oýnap (1–1), bu tapgyrda-da ýeňiş gazanyp bilmedi. Öz meýdançasynda «Žironany» 5–0 hasabynda ýeňen «Wilýarrealyň» 3 goluny kanadaly ýarymgoragçy Teýjon Býukenen geçirdi. Ol TOP 5 çempionatda het-trik eden 2-nji kanadaly futbolçy boldy.

**2-nji tapgyryň netijeleri:** Betis—Alawes: 1–0, Malýorka—Selta: 1–1, Atletiko—Elçe: 1–1, Lewante—Barselona: 2–3, Osasuna—Walensiýa: 1–0, Wilýarreal—Žirona: 5–0, R. Sosiedad—Espanýol: 2–2, Owiedo—Real Madrid: 0–3, Atletik—R. Wallekano: 1–0, Sewilýa—Hetafe: 1–2

## «Milany» 100 ýyldan soň «San Siroda» ýeňdi

Italiýanyň çempionaty «Serie A»-da täze möwsüme badalga berlip, çempion «Napoli» myhmançylykda «Serie B»-niň çempiony «Sassuolony» MakTomineýiň (17) hem-de täze transfer De Bruýneniň (57) gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. «Milan» öz meýdançasynda aşaky ligadan gelen «Kremonezeden» toparyndan 2–1 hasabynda asgyn geldi. Myhmanlardan Baskirottonyň (28) hem-de Bonazzoliniň (61) owadan gollaryna «Milandan» Pawlowiçiň (45+1) goly ýeterlik bolmady. «Kremoneze» topary «Milany» soňky gezek myhmançylykda 100 ýyl ozal, 1925-nji ýylyň oktýabrynda 4–1 hasabynda utupdy.



## «Serie A»-daky 600-nji duşuşygy

«Serie A»-da «Ýuwentus» öz meýdançasynda «Parmany» Dewidiň (59) hem-de Wlahowiçiň (84) gollary bilen 2–0 hasabynda utdy. Şol hasap «Komo» bilen «Lasionyň» arasyndaky oýunda-da ýer eýeleriniň peýdasyna hasaba alyndy (Duwikas 47, Paz 73). «Roma» Rimde «Bolonýany» Wesliniň 53-nji minutda geçiren ýeke-täk goly bilen ýeňdi. Bu duşuşyk «Romanyň» täze tälimçisi Jan Piero Gasperininiň «Serie A»-da 600-nji duşuşygy diýlip hasaba alyndy. Ol bu ugurda Mazzone (792), Rokko (747), Trappatoni (689) hem-de Lidholm (635) dagydan soň 5-nji orunda barýar. «Inter» topary öz meýdançasynda «Torinony» 5–0 ýeňip, möwsümiň 1-nji tapgyrynyň iň uly hasaply ýeňşini gazandy (Bastoni 18, Turam 36, 62, L. Martines 52, Bonni 72).



**1-nji tapgyryň netijeleri:** Jenoa—Leçқe: 0–0, Sassuolo—Napoli: 0-2, Milan—Kremoneze: 1–2, Roma—Bolonýa: 1–0, Kaliari—Fiorentina: 1–1, Komo—Lasio: 2–0, Atalanta—Piza: 1–1, Ýuwentus—Parma: 2–0, Udineze—Werona: 1–1, Inter—Torino: 5–0

## «Bawariýa» uly hasaply ýeňiş, Keýn het-trik bilen başlady

Germaniýanyň çempionatynda çempion «Bawariýa» täze möwsüme uly hasaply ýeňiş bilen başlady. Öz meýdançasynda «Leipsig» toparyny kabul eden münhenliler her ýarymda 3, jemi 6 jogapsyz goly derweзä girizdiler. 1-nji ýarymda Maýkl Olise (27, 42) bilen täze transfer Luis Diaz (32) tapawutlansa, 2-nji ýarymda Keýn het-trik (64, 74, 78) etdi. «Baýer» topary Erik ten Hagyň tälimçiligindäki ilkinji duşuşygynda öz meýdançasynda «Hoffenhaýmdan» 2–1 hasabynda utuldy. Dortmundyň «Borussiýa» topary myhmançylykda «Sankt-Pauli» bilen duşuşyp, 3–1 öňe saýlanandygyna garamazdan, soňky 4 minutda 2 gol geçirtdi (Untonži 50, Sinani 86 p, Smit 89 — Girassi 34, Anton 67, Brandt 74). Duşuşykda myhmanlardan Girassi 39-njy minutda 11 metrlik jerime urgusyny dürs urup bilmedi.



**1-nji tapgyryň netijeleri:** Bawariýa—Leipsig: 6–0, Haýdenhaým—Wolfsburg: 1–3, Fraýburg—Augsburg: 1–3, Union Berlin—Ştutgart: 2–1, Baýer—Hoffenhaým: 1–2, Aýntraht—Werder: 4–1, Sankt-Pauli—Borussiýa D: 3–3, Maýns—Köln: 0–1, Borussiýa M—Hamburg: 0–0

# 36 toparyň ähli si hem belli boldy

**«Kairat», «Pafos», «Bude-Glimt» – Çempionlar Ligasynyň täze wekilleri**

UEFA Çempionlar Ligasynyň täze 71-nji möwsüminde çykyş etjek toparlaryň ähli si pleý-off tapgyrynyň geçirilen jogap oýunlaryndan soň belli boldy. Pleý-off tapgyrynyň jogap oýunlaryndan soň debýutant Çempionlar Ligasyna wekilçilik eder. Olar Gazagystanyň «Kairat», Kipriň «Pafos» hem-de Norwegiýanyň «Bude-Glimt» toparlarydyr.








**«Kairat» ilkinji gezek**

● «Seltik» bilen Şotlandiýada golsuz deňme-deň oýnan Gazagystanyň «Kairat» topary öz meýdançasynda esasy wagtda umumy deňligi saklamagy başardy. Almatydaky oýnuň esasy wagty hem golsuz tamamlandy. Goşmaça wagtda-da hasap üýtgemänsoň, 11 metrlik jerime urgularynyň netijesinde «Kairat» 3–2 hasabynda üstün çykmagy başardy we taryhynda ilkinji gezek UEFA Çempionlar Ligasynyň final tapgyrynda oýnamaga hukuk gazandy. «Kairat» Çempionlar Ligasyna wekilçilik etjek 2-nji gazak kluby bolup, ondan öň «Astana» 2015/16 möwsüminde bu ýaryşa gatnaşypdy. Şol sanda Almaty şäheri ýaryşyň çäginde duşuşyklaryň geçiriljek iň uzak şäheri diýlip hasaba alyndy. «Kairat» topary 1-nji saýlama tapgyryndan ýaryşa goşulyp, almatylylar «Seltige» çenli «Olimpiýa Lýublýana» (Sloweniýa), «KuPS» (Finlýandiýa) hem-de «Slowan Bratislawa» (Slowakiýa) ýaly klublary ýeňmegi başardy.

**Güýçli toparlary ýaryşdan çykardy**

● Saýlama tapgyrynda güýçli garşydaşlaryny ýaryşdan çykaryp, final tapgyryna ýollanma alan ýene bir topar hem Kipriň çempiony «Pafos» klubudyr. Pleý-off tapgyrynda Serbiýanyň «Srwena Zwezda» toparyny myhmançylykda 2-1 hasabynda ýeňen «Pafos» öz meýdançasynda 1-1 deňme-deň oýnady. Serbler Iwaniçiň 60-njy minutdaky goly bilen öňe geçse-de, «Pafos» 89-njy minutda Žažanyň takyk urgusy esasynda hasaby deňledi. Netijede, 3-2 hasabynda ýeňiş gazanan «Pafos» Çempionlar Ligasynyň täze wekili bolar. 8 ýyldan soň bu ýaryşa kluby gatnaşýan Kiprden mundan öň APOEL hem-de «Anortisis» klublary wekilçilik edipdi. «Pafos» mundan öňki tapgyrda Kiýewiň «Dinamosyny» ýaryşdan çykarypdy.

**17 ýyldan soň Norwegiýanyň wekili gatnaşýar**

● Çempionlar Ligasynyň ýene bir debýutanty Norwegiýanyň «Bude-Glimt» topary boldy. Öz meýdançasynda «Şturm Grasyň» derwezesinden jogapsyz 5 gol geçiren norwegler jogap oýnunda 2–1 hasabynda utulsa-da, ýaryşyň final tapgyryna adyny ýazdyrmagy başardy. «Bude-Glimt» topary taryhynda ilkinji gezek Çempionlar Ligasyna gatnaşmaga hukuk gazanyp, olar bu ýaryşda çykyş etjek 3-nji norweg topary bolar. Soňky gezek Norwegiýanyň bir wekili Çempionlar Ligasynda 2007/08 möwsüminde çykyş edipdi. Norwegiýanyň adyndan «Rosenborg» topary 11, «Molde» topary-da 1 gezek Çempionlar Ligasynyň final tapgyryna gatnaşypdy. «Bude-Glimt» topary Çempionlar Ligasyna wekilçilik etjek iň demirgazykdaky klub bolar.

**Jogap duşuşygynda 6 gol geçirtdi**

● «Seltikden» soň 2-nji şotland kluby «Reýnjers» üçinem Çempionlar Ligasynyň ýaryşy ir tamamlandy. Öz meýdançasynda «Klub Brýuggeden» 3–1 hasabynda asgyn gelen glazgolylar myhmançylykda şol goýberen gollarynyň 2 esse goluny geçirtdi. Ýagny 6-0 hasabynda ýeňiş gazanan «Klub Brýuggeniň» gollaryny Tresoldi (5), Wanaken (32), Seýs (41, 45), Stankowiç (45+2), Tzolis (50) derweze girizdi. «Reýnjers» toparynda 8-nji minutda Aarons gyzyl kart aldy. Şunlukda, ýaryşda şotland kluby galmady. «Klub Brýugge» bolsa bassyr 2-nji, umumylykda 12-nji gezek ýaryşyň final tapgyrynda oýnar. 5 möwsümden soň 5-nji gezek birbada Belgiýadan 2 klub ýaryşyň final tapgyryna wekilçilik eder.

**Yzly-yzyna 12-nji möwsüm**

● Azerbaýjanyň «Garabag» topary myhmançylykda gazanan 3–1-lik ýeňşiniň jogap oýnunda «Ferenswaroşy» kabul etdi. Çekeleşikli geçen oýunda azerbaýjanlylar 3-2 hasabynda ýeňilselerem, umumy hasapda 5-4 öňe saýlanyp, ýaryşyň final tapgyryna çykmagy başardy. Duşuşykda ýer eýeleriniň gollaryny Leandro (25), Zubir (45), wenger toparynyň gollaryny bolsa Ýosef (12), Warga (55 p) hem-de Tot (82) geçirdi. «Garabag» topary taryhynda 2-nji gezek Çempionlar Ligasynyň final tapgyrynda oýnar. Olar mundan 8 ýyl öň, ýagny 2017/18 möwsüminde çykyş edipdiler. 53 ýaşyndaky Gurban Gurbanowyň 2008-nji ýyldan bäri tälimçiliginde bolan «Garabag» topary 12-nji gezek yzly-yzyna (UÇL – 2, UÝL – 9, UKL – 1) UEFA-nyň ýaryşlarynyň final tapgyryna gatnaşar.

**Arakesme 17 ýyla çykdy**

● Stambulda golsuz deňme-deň oýnan «Benfika» bilen «Fenerbahçe» toparlarynyň Lissabondaky duşuşygynda ýeňijini ýeketäk gol kesgitledi. Ony-da 35-nji minutda «Fenerbahçe» toparynyň 1 aýdan gowrak wagt bäri transfer etmek isleýän türk oýunçysy Kerem Aktürkoglu öz adyna ýazdyrdy. «Benfika» topary bassyr 5-nji, umumylykda 20-nji gezek Çempionlar Ligasynyň final tapgyrynda oýnar. «Fenerbahçe» toparynyň 16 ýyllyk arakesmesine ýene bir möwsüm goşular.




Daniýanyň «Kopengagen» topary öz meýdançasynda Şweýsariýanyň «Bazel» toparyndan 2-0 hasabynda üstün çykdy. Ýer eýelerine ýeňiş getiren gollary Kornelius (46) bilen Mukoko (84 p) derweze girizdi. Iki toparyň arasyndaky 1-nji oýun 1-1 hasabynda deňlikde tamamlanypdy. Netijede, «Kopengagen» 1 ýyllyk arakesmeden soň 7-nji gezek Çempionlar Ligasyna wekilçilik eder.

Pleý-off tapgyryndan yzyna gaýdan toparlaryň ähli si Ýewropa Ligasynyň liga tapgyryna gatnaşarlar.

Şeýlelikde, 2-nji gezek liga görnüşinde geçiriljek UEFA Çempionlar Ligasynyň final tapgyrynda çykyş etjek 36 klubuň ähli si hem belli boldy. Şol 36 klub 17 ýurda wekilçilik edip, Angliýadan 6 topar gatnaşar. Ilkinji gezek 1 ýurtdan 6 klubuň gatnaşjak ýaryşyndaky 4 klub Çempionlar Ligasynyň debýutanty bolar. Ýagny Belgiýanyň çempiony «Ýunion Sent-Žilluaz», Gazagystanyň «Kairat», Kipriň «Pafos» hem-de Norwegiýanyň «Bude-Glimt» toparlary taryhlarynda ilkinji gezek UEFA Çempionlar Ligasynyň final tapgyrynda çykyş ederler. Olar Çempionlar Ligasynda çykyş etjek 155-156-157-158-nji klublar bolarlar. Geçen möwsümde 5 klub bu ýaryşyň debýutanty bolupdy.

Şeýle-de, Londondan 3, Lissabon bilen Madridden hem 2 klub ýaryşa gatnaşar. Geçen möwsüm gatnaşan 36 klubuň deň ýaryşy, ýagny 18-si bu möwsümde gatnaşmaz. Olaryň ornuna başga 18 klub wekilçilik eder.

Çempionlar Ligasynyň 71-nji möwsüminde her klub edil geçen möwsümdäki ýaly 8 duşuşyk geçirer. 8 duşuşygyň netijesinde iň köp utuk toplan 8 klub gönümel 1/8 finala çyksa, 9-24-nji orunlardaky klublar özara pleý-off duşuşyklaryny geçirerler. Liga tapgyrynyň duşuşyklar 16-njy sentýabrda başlap, geljek ýylyň 28-nji ýanwarynda tamamlanar.

Çempionlar Ligasynyň taryhynda şu möwsümde iň gündogarda hem-de iň demirgazykda ilkinji duşuşyklar geçiriler.

Çempionlar Ligasynyň finaly geljek ýylyň 30-njy maýynda Wengriýanyň paýtagty Budapeşt şäherinde oýnalar.

**Pleý-off tapgyrynyň jogap oýunlarynyň netijeleri:** Kairat (Gazagystan) – Seltik (Şotlandiýa): 0-0, 3-2 p (0-0), Pafos (Kipr) – Srwena Zwezda (Serbiýa): 1-1 (2-1), Şturm Gras (Awstriýa) – Bude-Glimt (Norwegiýa): 2-1 (0-5), Garabag (Azerbaýjan)– Ferenswaroş (Wengriýa): 2-3 (3-1), Kopengagen (Daniýa) – Bazel (Şweýsariýa): 2-0 (1-1), Benfika (Portugaliýa) – Fenerbahçe (Türkiýe): 1-0 (0-0), Klub Brýugge (Belgiýa) – Reýnjers (Şotlandiýa): 6-0 (3-1)

**1-nji torba**

Pari Sen Žermen (Fransiýa), Real Madrid (Ispaniýa), Mançester Siti (Angliýa), Bawariýa (Germaniýa), Liwerpul (Angliýa), Inter (Italiýa), Çelsi (Angliýa), Borussiýa Dortmund (Germaniýa), Barselona (Ispaniýa)

**2-nji torba**

Arsenal (Angliýa), Baýer (Germaniýa), Atletiko Madrid (Ispaniýa), Benfika (Portugaliýa), Atalanta (Italiýa), Wilýarreal (Ispaniýa), Ýuwentus (Italiýa), Aýntraht (Germaniýa), Klub Brýugge (Belgiýa)

**3-nji torba**

Tottenham (Angliýa), PSW (Niderlandlar), Aýaks (Niderlandlar), Napoli (Italiýa), Sporting (Portugaliýa), Olimpiakos (Gresiýa), Slawiýa Praga (Çehiýa), Bude-Glimt (Norwegiýa), Marsel (Fransiýa)

**4-nji torba**

Kopengagen (Daniýa), Monako (Fransiýa), Galatasaraý (Türkiýe), Ýunion Sent-Žilluaz (Belgiýa), Garabag (Azerbaýjan), Atletik Bilbao (Ispaniýa), Nýukasl (Angliýa), Pafos (Kipr), Kairat (Gazagystan)

## TRANSFER TÄZELIKLERI




► Angliýanyň «Arsenal» topary «Kristal Palas» toparyndan 27 ýaşyndaky iňlis ýarymgoragçysy Ebereçi Ezeni 60+7,5 million funt sterlinge 5 ýyllyk şertnama bilen düzümine goşdy. Eze «Arsenalda» 10-njy belgide oýnar.

► «Real Madriddäki» 10 ýyllyk karýerasyny tamamlan 34 ýaşyndaky ispaniýaly sag gyraky futbolçy Lukas Waskes erkin agent ýagdaýynda Lewerkuzeniň «Baýer» topary bilen 2 ýyllyk şertnama gol çekişdi.

► Italiýanyň «Ýuwentus» toparynyň braziliýaly ýarymgoragçysy Duglas Luiz 1 ýyldan soň ýene-de «Premier Liga» dolanyp, 27 ýaşyndaky oýunçy «Nottingam Forest» bilen 1 ýyllyk kärendesine şertnama baglaşdy.

► «Premier Ligasyna» gaýdyp gelen «Lids Ýunaýted» topary «Milanyň» 25 ýaşyndaky şweýsariýaly hüjümçisi Noa Okafory 19+2 million ýewro transfer etdi. Okafor «Lids» bilen 4 ýyllyk şertnama baglaşdy.

► «Lionyň» 37 ýaşyndaky serbiýaly goragçysy Nemanýa Matiç «Serie A»-nyň täze topary «Sassuolo» bilen 1 ýyllyk şertnama baglaşdy. Matiç öň Italiýada «Romanyň» köýnekçesini geýipdi.

► Gresiýanyň «Panatinaikos» topary «Milan» bilen şertnamasy tamamlanan 28 ýaşyndaky goragçy Dawide Kalabriany 3 ýyllyk şertnama bilen transfer etdi. Şeýle-de, PSŽ-niň 28 ýaşyndaky ýarymgoragçysy Renato Sançes hem 1 ýyllyk kärende şertnamasy bilen «Panatinaikosyň» düzümine goşuldy.

## Dünýäniň iň uzyn futbolçysy

Russiýaly ozalky basketbolçy, NBA-nyň oýunçysy Pawel Podkolzin häzirki wagtda sportuň başga bir görnüşi bilen professional derejede gümra bolýar. 40 ýaşyndaky türgen futbolçylyga baş goşup, ol Moskwanyň «Amkal» toparynda çykyş edýär. Boýy 2,26 metre deň bolan Podkolzin häzirki wagtda iň uzyn futbolçy hasaplanýar. «Amkal» topary 104 klubuň gatnaşýan Russiýanyň Kubogy ýaryşynda 1-nji tapgyrda «Kwant» (Obninsk) toparyndan 3–1, 2-nji tapgyrda-da «Kaluga» toparyndan 1–0 hasabynda üstün çykdy. Podkolzin toparyň 2-nji duşuşygynda esasy düzümde oýnap, 19 minut meýdançada galdy. Ol 54-nji belgili köýnekçede oýnady. «Amkal» topary 3-nji tapgyrda sentýabr aýynda «Salýut» (Belgorod) topary bilen duşuşar.



Podkolzin basketbolçylyk karýerasy boýunça Russiýada «Sibirtelekom-Lokmotiw», «Nowosibirsk», «Sahalin», «Uniwersitet-Ýugra», az wagtlyk hem bolsa Italiýada «Wareze», şol sanda NBA-da sanlyja duşuşykda «Dallas Maweriks» ýaly klublarda oýnady.

## 4-nji liganyň toparyndan utuldy

Angliýanyň Liga Kubogy ýaryşynyň 2-nji tapgyrynda garaşylmadyk waka boldy. 4-nji liganyň wekili «Grimsi Tawn» topary öz meýdançasynda bu kubogy 6 gezek eýelän, düzümi ýyldyzlardan doly «Mançester Ýunaýtedi» ýaryşdan çykardy. Duşuşygyň 1-nji ýarymynda ýer eýeleri Wernam (22) hem-de Worreniň (30) gollary bilen 2-0 hasabynda öňe saýlandy. Myhmanlar soňky 15 minutda – Mbeumo (75) hem-de Maguaýryň (89) gollary bilen hasaby deňlemegi başardy. Ýöne oýundan soňky 11 metrlik jerime urgularynda 12-11 üstün çykan «Grimsi Tawn» topary ýaryşy dowam etmäge hukuk gazandy.



Germaniýanyň Kubogy ýaryşynda-da «Bawariýa» kynlyk bilen 2-nji tapgyra çykdy. Myhmançylykda 3-nji liganyň wekili «Wehen Wiesbaden» topary bilen duşuşan «Bawariýa» Keýn (16 p) hem-de Oliseniň (51) gollary bilen öňe geçse-de, ýer eýeleri Fatih Kaýanyň (64, 70) takyk urgularynyň netijesinde hasaby deňledi. Ýöne muňa garamazdan, «Bawariýanyň» angliýaly ýyldyzy Keýn 76-njy minutda 11 metrlik jerime urgusyny dürs urup bilmese-de, ol 90+4-nji minutda 2-nji goluny geçirip, toparyna ýeňiş getiren oýunçy boldy.

Ygtyýarnama: 1-15-24-147

**TÜRKMEN DÖWLET BINAGÄRLIK-GURLUŞYK INSTITUTYNYŇ IT YLMY-TEHNIKI MERKEZI DÖWLET KÄRHANASY AŞAKDAKY UGURLAR BOÝUNÇA GYSGA MÖHLETLI OKUWLARA KABUL EDÝÄR**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Baha kesmek işi | 6 aý. |
| 2 | Iňlis dili | 3 aý. |
| 3 | Rus dili | 3 aý. |
| 4 | Nemes dili | 3 aý. |
| 5 | Kompýuter sowatlylygy I, II, III. | 2,5 aý. |
| 6 | Matematika | 3 aý. |
| 7 | Suratkeş | 6 aý. |
| 8 | Elektrik enjamlary abatlaýjy slesar | 3 aý. |
| 9 | Himiki derňewiň laboranty | 3 aý. |
| 10 | Awtoulaglary abatlaýjy slesar | 6 aý. |
| 11 | Elektromontýor-1000 V çenli | 3 aý. |
| 12 | Suw we ýylylyk geçirijileriň örtüjisi | 3 aý. |
| 13 | Suwuk we gaz ýangyjynda işleýän bug we ýyladyş gazanlarynyň maşinisti | 3 aý. |
| 14 | Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary. Armaturçy – armatur gözenekleri we karkaslary kebşirleýji | 4 aý. |
| 15 | Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary. Betonçy | 2 aý. |
| 16 | Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary. Tehniki howpsuzlyk we zähmeti goramak boýunça instruktor | 6 aý. |
| 17 | Tokar | 5 aý. |
| 18 | Elektrik togy we gaz bilen kebşirleýji | 4 aý. |
| 19 | Amaly geodeziýa | 3 aý. |
| 20 | Psihologiýanyň we pedagogikanyň esaslary | 3 aý. |
| 21 | Kiçi we orta telekeçiligiň menejmenti | 1-3 aý. |
| 22 | Senagat howpsuzlygy boýunça işler | 3 hepde. |
| 23 | Ekologiýa howpsuzlygy | 3 hepde. |
| 24 | Baha kesiji işgärleriň hünär derejesini kämilleşdirmek | 3 hepde. |

**Ýazmaça we dilden terjime merkezi. Inžener gözlegleriniň işi we bu ugurlar boýunça tehniki maslahatlar bermek hyzmaty.**

*Okuwlara diňleýjiler, orta we hünär bilimli raýatlar kabul edilýär. Okuwa ýokardaky hünärler boýunça şertnamalaýyn esasda tölegli kabul edilýär. Resmi iş kagyzlary Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda kabul edilýär.*

*Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:*

*-bellenilen nusgada direktoryň adyna ýazylan arza;*

*-bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);*

*-3×4 sm ölçegdäki 3 sany fotosurat;*

*-şahsy pasportynyň, pasport almadyklar üçin dogluş hakyndaky şahadatnamanyň göçürmesi;*

**Okuwlary üstünlikli tamamlan diňleýjilere şahadatnama berilýär.**

**Salgymyz: Aşgabat şäheri, Baba Annanow köçesiniň 136-njy jaýy. Habarlaşmak üçin telefon belgimiz: +993 12 28-18-50.**




## Hormatly talyplar hem-de mähriban ene-atalar!

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky ýurdumyzda ýaşlary goldamak, olaryň döredijilik başlangyçlaryny höweslendirmek, hünärlerini kämilleşdirmek babatda amatly mümkinçilikleri döretmek maksady bilen, «Talyp karzy» atly bank karzyny hödürleýär:

«Talyp karzy» ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinde bilim alýan talyplaryň diňe degişli okuwynyň bahasyny tölemek üçin nagt däl görnüşinde berilýär.

Karzyň möçberi: 42 000 manada çenli;
Göterim derejesi: ýyllyk 5 göterim;
Möhleti: 3 ýyl;

**Karzyň üpjünçiligi hökmünde 10 000 manat möçberine çenli bir ýa-da birnäçe raýatyň zamunçylygy, 15 000 manat möçberine çenli iki ýa-da birnäçe raýatyň zamunçylygy we 15 000 manatdan ýokary 42 000 manat möçberine çenli bolsa, girew kabul edilýär.**

Hormatly talyplar we ene-atalar! Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky «Talyp karzyndan» peýdalanmak isleýän müşderileriniň ýüztutmalaryny we degişli resminamalaryny bankyň resmi **www.dayhanbank.gov.tm** internet sahypasy arkaly onlaýn görnüşinde kabul edýändigini ýatladýar.

**Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:**
Aşgabat şäheri: 38-03-79; 38-02-86; 24-44-55; 24-52-85;
Ahal welaýat şahamçasy: (8-00-137) 3-34-39;
Balkan welaýat şahamçasy: (8-00-246) 5-21-51;
Daşoguz welaýat şahamçasy: (8-00-322) 9-35-07;
Lebap welaýat şahamçasy: (8-00-422) 9-13-48;
Mary welaýat şahamçasy: (8-00-522) 6-76-40.